**Hydyr AMANGELDI**

## Öten agşamky düýşüm

Düýn Tokaryň gürrüňini etdik. Tokar Tugur – suratkeş. Moskwada Gündogaryň suratkeşleriniň sergisi açylypdyr. Şonda-da Tokaryň işlerem goýulypdyr diýip eşitdim. Begendim. Belki şondandyr şo gije Tokar düşüme giripdir. Çal giren saçlary egnine düşüp dur. Özem hemişekisi ýaly, mähirli ýylgyrýar. Dogrusy, ömrüniň soňky ýyllary bu ýylgyrmasy azalypdy. Ýene-de birki oglan-a bar. Şamuhammetmi… Şamuhammet Myradow şeýle ýumşak, inçe medeniýetli oglandy. Otuz ýaş töwereklerinde ganyna rak düşüp gitdi… Ortada gramplastinka aýtdyrylýan. Onda Woznesenskiý goşgy okaýar. Dogrusy «Ya Goý-ýa!» diýip bogazyna sygdygyndan gygyrýar. Biz daşynda onuň goşgy okaýşyna haýran bolup diňläp otyrys. Goşgy gutaransoňam gulagymyza «Ýa Goý-ýa!» gelip dur. Birdenem Ýesenin «Ýa hoçu wi-idet e-etogo çelo-owe-eka!» diýip başlaýar. Olam goşgyny näme üçindir gygyryp okaýar.

Şol döwürler «Krugozor» diýip sesli jurnal çykardy. Şonda Ýeseniniň özüniň «Çýornyý çelowegini» okaýşyny plýonka plastinkasyna ýazyp ýerleşdiripdirler. Ol ýukajyk, mawy reňkli… Birdenem ortada magnitofon. Magnitofonyň lentasyndan Gurbannazaryň sesi gelýär.

«Ýeke galdym, deňizdaki ada men,

Per-wana deý, düşdüm gyzyl oda m-men.

Ölmelimi, gülmelimi ýa-da m-men?

B-ber jogabyn, bu sowalyň, bu dünýe.

…Gaýratym namarda, saňa-da ý-ýeter-r.

M-me saňa, m-me saňa, m-me saňa p-peder-r,

Owaýyn dişiňi, biliň bu dünýe…»

Gurbannazaram bu goşgusyny, dişleriniň arasyndan harplary syzdyryp, janygyp, gaty ses bilen okaýar. Biziň barymyz jadylanan ýaly, Gurbannazaryň sesini diňleýäs. Birdenem Babpa ýanymyzda otyr. Onuň buýra saçlary çyraň ýagtysyna altyn çaýylan ýaly öwüsýär. Ol ýeňsesini gütüledip ýaplanyp oturan diwaryna birnäçe gezek urýar. Soňam goşgusyny okaýar:

«…ýolma guşuň ganatyn!

Ýolsaň guşuň ganatyn

Uçýan bilen uçmaýan

Bolarlar garym-gatym!»

Onuň sesiniň şol erkeksiligi, gaýratlylygy, mertligi… Soňam «Köpegi atańda boýnunuň bagyny bir çöz ahyry. Daňylgy bir ölmesin» diýen manydaky goşgusyny okaýar. Ýanymdakylaryň biri «Türmeden öldürilip gelen agasyna bagyşlanan goşgy» diýip pyşyrdaýar. Birdenem üşeýän. Bakuwyň kondissioneriniň güňleç sesi gelýär. Onuň sowgy süňklerime kesip barýar. Ony öçürýänem ýok. Sowuga dyzym agyrýar. Uruşdan ýaraly gelen, bagty getiren betbagt ýaly, ýeke özüm ýempäp barýan. Daşary. Howlymyz düp-düz edilipdir. Gara mermermere meňzedilen, sowuk ýyldyraýan beton plitalar, ýere düşelipdir. Gögerip oturan ýekeje otam ýok. Horazyň sesem eşdilenok. Dünýe dym-dyrslyk. Penjire ýapyk. Mümkin şondandyr daşardan ses gelmeýäni. Indiki penjireler howa-da geçirenok, sesem…

Birden oýanýanymy duýýan. Tokaryňam, Şamuhammediňem… düýşdügine akylym ýetip başlaýar. Oýanasym gelenok. Oýa ýatyşyma ýene düýşümi gaýtadan görýän. Ýeseniniň, Gurbannazaryň sesi… Bapbaň saçlary… Onuň ýeňsesini uranda diwardan çykýan, sessiz tüpeňiň sesi ýaly, güňleç düňküldi… Oýanasym gelenok. Aýaklarym üşeýär. Sowuk süňklerime ornaýar…

--------------------------------

## Kino kameranyň gözi

Gumuň jümmüşine gitdik. Dört sagatlyk ýol, maşynyň gowy bolanda. Indi bäş ýyl bäri sypdyrman gidýän ýerimize bu gezek kino surata düşürmäge gitdik. Ssenarini Ylýas ikimiz ýazamyzsoň, hem o ýerlere belet adamalr bolanymyz üçin filmiň rejissýoram (Wepa Işangulyýew) biziň gitmegimize garşy bolmady. Belki has giňişleýin ýazsam has gowy bolsa bolardy ýöne häzir surata düşürilýän wagtlary kelläme gelen zatlary ýazyp çäklenesim gelýär. Galanyny ýazmakdan gybatyň ysy gelýändigindenem beter, göwnüme pikre batyran zatlar has esasy, has wajyp ýaly görünýär. Syomka wagty bir zada haýran galdym, kino kamera artist sähel ýasama oýnasa, ýasamalyk etse aýyl-saýyl görkezip dur. Şonuň üçin rejissýoram horlan zat artistlerdäki ýasamalygy aýyrmak boldy. On ýaşlaryndaky oglanjygam kino gahrymanymyzdy. Oňa gezek gelýär welin, artistligem ýok, ýasamalygam. Düşündirenjäňi çyny bilen edip dur.

Şonda ýasamalygy kino kameraň görkezişine geň galanam bolsam, ýasamalygy, adaty durmuşda-da, ýaşyrmagyň kyndygy hakynda pikir etmändirin. Edebiýatda-da, edil kino sungatyndaky ýaly, ýygşyrmak kyn. Belki şondandyr

ýazýan kän, ýazyjy az. Sebäbi adam çynlakaý bolmakdan ýasama bolmagy has aňsat görýär. Hatda ýasamalyk, köp zady gulagyň, ýüregiň duşundan geçirmek, ömrüňi uzaldýan bir häsiýet ýaly görünýär. «Bahym garramazlyk üçin» ýasama ýaşamagy has makul görýäris. Emma ömrüňem öz «kino kamerasy» bar dälmi näme? Biz bu barada pikir edýäsmi? Edebiýatda, kino sungatynda-da ýasama edilen işleriň ömri jyzlanyňky ýaly. Dünýede-de ýasama ýaşanyň ýaşy segsenden, togsandan geçse-de jyzlanyňkydan üýtgeşikmikä?

Hekaýa, powest ýazsaň, birhili ýarasy ýeňil ýaly. Ony islän okaýar, islemedik okanok. Kino welin, görülýär. Köplenç, juda ýaramaz bolmasa, adamlar ony soňuna çenli görýäler. Üstesine-de kino almak üçin uly topar işleýär, pul çykdajy edilýar. Operatorymyzyň aýdyşy ýaly «Ýer beýleki ujy» bolmasa-da, Daşoguz bilen Ahalyň araçägine çenli birgiden adam gelipdirler. Şonuň üçin, birhili ssenariçiniň jogapkärçiligi has uly ýaly. 2000-nji ýylyň başyndanam öňräk ýazan bir zadymy («Gurruk guýy) şu gün «kitaplar» bölüminde goýdum. Elbetde, okalanyny isleýän ýöne häzirki kinomyz ýaly, gerşimden basanok. Daş obadan şähere gelen oglanyň eşigine, adamlaryň özüne seredişine üns berşi ýaly görünse-de, menem häzirki kinomyza tomaşaçylaryň halap-halamajakdygyna biparh bolup bilemok. Ýadyma düşýär, «Gurruk guýyny» ýazamda şeýle duýgy bolanam bolsa, beýle agyr däldi. Ýok, kino halansyn diýip ýasama zatlar, ýalan ýaşyryk zatlar ýazmadyk. Bilib-ä ýazmadyk. Emma şonda-da ýeke özüň däl, kino işi köpçülileýin edilýän iş käbir kem-käslere göz ýummaga mejbur bolýaň. Käbir uly meseleler üçin, kiçiräk zatlary gurban etmeli bolýar. Ýöne kino kameraň iň kiçijik zatlara çenli görkezýändigini hiç ýadyňdan çykaryp bolanok. Tomaşaçylardan biraz geçirimlilik diläýmesem…

-----------------------------------

## Döredijiligiň syry

Gurbannazar Ezizowyň şahyrlygynyň syry nämedekä? Näme üçin häzirki şahyrlar beýlede dursun, Kerim Gurbannesem onuň ýanynda bärden gaýdýan şahyr bolaýýarka?

Birbada samsyk sowal ýaly gööründýän bu mesele meni köpden bäri horlaýar. Düşünýän «Gurbannazar Hudaý tarapyn şahyrlyk berlen adam» diýersiňiz. Men muňa ýok diýemok. Onuň rus dilini juda gowy bilmegi, dünýä edebiýatyny, aýratynam, Puşkini, Lermontowy şeýle jikme-jik öwrenendigi bilenem muny düşündirýärler. Bir gezek Tokar Tugur «Näme üçin Gurbannazaryň goşgulary başga bolaýýar? Ýöne gezip ýörkäňem, öz işiň bilen başagaý wagtyňam oň setirleri diliňe geläýýärkä?» diýdi. Şonda ol Gurbannazaryň döwürdeş şahyrlarynam mysal getirip, «Olaň goşgulary beýle akylyňda aýlanyberenok. Ýogsa, okaýarkaň olaryň

goşgularam gowy» diýipdi. Menem bir bada näme jogap berjegimi bilmedim. Şonuň üçin, ilki akylyma gelenini aýdyp goýberdim. «Gurbannazar şahsyýet» diýdim. Olam razylaşdy. Jogabymdan kanagatlandy. Ýöne bu jogabam umumy, has çözülen, konkret jogap däl ýaly görünýär.

Bir gezegem, telewideniýede işleýärkäm hudojnikler hakynda gepleşige alypbaryjy boldum. Şonda gepleşigiň repetisiýasynda Şyh diýip bir gowy hudojnigi «Nydam gözlegde ýaşaýan suratkeş» diýip tanyşdyrdym. Repetisiýadan soň, ýazgy etmeli bolamyzda, Şyh ýanyma gelip, «Gözlegde» diýmesene» diýdi. Men bolýa diýsemem, onuň aýdyşy ýaly edenem bolsam, näme üçin beý diýenine düşünmändim. Soňam düşünmän gezdim. Sebäbi sungat adamsy elmydam gözlegde bolýar, bir zatlar döretjek bolýar, gözlegde ýaşaýar diýip düşünýärdim. Şyhyň aýdanlaryna özümçe «Men näme etjegini bilmän gözleg bilen meşgullanyp ýören öwrenje, ýaňy başlan hudojnik däl» diýen manyda düşündim. Hakykatdanam Şyh gowy hudojnikdi.

Häzir Tarkowskiniň interwyularyndan düzülen bir kitapçany okap otyryn welin, olam «Döretmek üçin, ýazjak zadyň kömelek gözlän ýaly gözlenmeýär. Döretmek çyn ýürekden, çynyň bilen aýdasyň gelýän zadyňy aýtmak» diýen manyny aýdýar. Bapba neressede «iskrennost» («çyn ýürekden») diýen sözi gowy görýärdi. Köpem gaýtalardy. «Okyjy näme diýer?», «Nähili etsem okyjy gowy kabul eder?» «Nädip okyjyny güldürmeli?» diýen ýaly «aladalaryň» bolman, diňe çynýürekden aýdasyň gelýän zadyňy çynyň bilen aýtmak, hiç kime öýkünjek, meňzejek bolmazlyk Gurbannazaryňam syry bolsa gerek. Onuň özem «ýalan ýazmadym» diýende, megerem, şony göz öňünde tutandyr. Biz Gurbannazaryňky ýaly ýazjak bolduk, oňa öýkündik, netijede özümizden derek galmady, Gurbannazara meňzemegem başartmady. Tarkowskiý «Döredýän adam wyjdanyny diňläp döretmeli» diýýär. Wyjdanyň näçe talapkär bolsa, duýgur, gaýratly bolsa, seňem ýazýanyň diňe çynýüregiňden çykar, ýalan ýazmarsyň. Elbet, munuň üçinem geçirimsiz wyjdan, ullakan ýürek gerek. «Şeýle etsem özüme gowy bolar, beýle etsem hiç kimem kabul etmez, çapam etmezler» diýen ýaly düşünjeleriňi ýeňip bilmeýän bolsaň, onda bir zatlar döretjek bolup arrygyňam gynap oturmaly däl. Ondan Gurbannazaryň aýdyşy ýaly «Bir çynar dänesin okla ýere sen…»

---------------------------------

## Armanyň agramy

Käteler bir zat eşitseň ýa-da kelläňe bir pikir gelse, derrew ýazasyň gelýär. Indi garrylykdanmy bilmedim, eşden täsin gürrüňlerimem, kä wagt oýanan ýaly bolýan pikire meňzeş zatlarymam özümde göterip gezýän. Gysgançlyk edýän

diýsem ýalançy, ýöne näme üçindir ýazmasamam ullakan gynanyp gezemok. Okyja göwnieýetmezçilik edemok, ýöne, meger ýaltalykdyr.

Başga bir wagt bolsa her birini aýratyn, giňişleýin ýazardym diýen zatlarymyň käbirini agzap bir geçeýin diýýän. Şonam etmesem aýp bolaýjak ýaly. Ýazmak menden öýkelemese, maňa ýazmakdan öýkelemek, elbetde, aýp.

Andreý Tarkowskiden ýaşlara, ýaňy kino almaga başlanlara näme maslahat beresiň gelýär diýilip soralanda «Özüňiz birhili ýaşap, başga bir zat hakynda-da kino aljak bolmaň» diýýär. Megerem bu tutuş adamzadyň diýen ýaly tragediýasy bolsa gerek. Dünýede gör näçe kişi özi, durky birhili, emma başga hili ýaşap ýör. Ýazmak, kino almak, döretmek beýlede dursun, durmuşam aslyndan başga. Aslyna dolanybam gelip bilenok. Ýitirenini ýitiren ýerinden däl, düýbünden başaga ýerden gözleýär. Dili diýesi gelenini däl, aýagy ädesi gelen tarapyna däl, ýüregi urasy gelen, telwas eden zadyna däl – kim bilýär nirelerde… Ýogsa, Alla ähli kişä gözleýän zadyny ölmänkä berýär, ony maksadyna ýetirýär. Baý bolasy gelýän, baýlygy durmuşynyň maksady edinenler baý bolýar. Şöhratyň höwesindäkiler şöhrata ýetýärler, häkimlik islän, şoň aşygy bolanlar häkimlige-de gowuşýar. Näçe «Armanly öldüm» diýse-de, Alla ony armanda goýanok. Hakyky armanlylar belki, ölýändiklerine gynanmazdylar. Armany galmadyklaram ölýändiklerine gynanmaýan bolsalar gerek. Ölýändigine gynanýanlar asly, durky bir zat isaläp, özleri başgaça ýaşanlar bolaýmasa…

Ýene bir pikire haýran galdym. Bizde «musulman» diýen adyň gadyry galmady. Ýadyma düşýär, o wagtlar namaz okaýan azdy. Şonda biriniň ýaramaz iş edenini eşdip «Ol namaz okaýar-a?!» diýenimi bilmän galypdym. Şonda ýanymdaky meň sada pikirime ýylgyryp «Okanda näme? Namaz okany bilen adam gowy bolup gidýän bolsa, onda hezil bolardy, adamlary awtomatyň öňüne salaga-da mesjide salyp, namaz okatdyryp çykaryp goýberersiň – wessalam» diýipdi. Menem hakykatdanam özümiň sada düşünşimden utanypdym. Indi bir kişi: «Musulman bolamda näme?» diýip ýaramaz iş etse, «Men musulman ahyry, edýänim näme?» diýmese geňem däl ýaly. Bir wagtlar biz çagakak bir kino meşhurdy, entek kän düşünýän zadym bolmasa-da hakyky kommunist bolup oýnaýan artistiň näçe atsalaram, oňa näçe ok degse-de ýykylman ýöräp gelşi, garadan gaýtmaz, hyjuwly ýüzi aňyma berk ornapdyr. Şu wagtam aýyl-saýyl göz öňüme gelýär. Hawa, şeýle kommunistleriň arzuwyny edip geçip gitdiler bolşewikler. Olaryň serdary Lenin ölüp-ölmänkä ýerine geçen Stalin tutuş özüne kommunist diýenleri gyrgyna berdi. Ol «kommunistler» gynalmaga çydaman biri-biriniň ýüzüne geldiler. Soň Nikita diýdi, Leonid diýdi ol höwes edilen kommunistleriň üstünden gülüp gurultaýlar geçirdiler. Azgynçylyk ýetjek derejesine ýetdi. Hiç kimde kommunist bolmak höwesi galmady. Şol kino-da gülkünç, ýasama bir zada öwrüldi. «Musulman» diýen adyň nehili atdygyny duýmaýanlaryň köpelmegi maňa kommunistleriň başyndan geçen hadysany

ýatladýar. Musulmançylygyň daş sypatyny berjaý edip bilseň armanyň bolmasa, onuň içki dünýäsi, derdi barada pikir etmek kelläňe-de gelmeýän bolsa…

Ýok, özümi pessimist duýamok. Beýle pikirleri etmezligi optimistlikdirem öýdemok. Ussat sazanda Çary suwçyny jaýlap geldik. Pahyr segsenden geçdi. Pahyryň şeýle eli süýjüdi. «Dagarmany» çalardy…

---------------------------------

## Üme düşmek

Belki, geregem däldir, şonda-da ýatladaýyn «üm» diýilende, bir zady doly aýtman, hereket, yşarat bilen ýa-da kakdyryp, gümürtügräk edip aýtmaga düşünilýär. «Gümürtigräk» diýenimde-de ýalňyşan bolmagym mümkin. Munda aýby ýaşyrjak ýa-da dogryňy aýtmajak bolup gümürtik gürlemegi göz öňünde tutlmadym. Beýlekiniň göwnüne degäýmeäýin, ýalňyş düşünäýmesin, ynjydaýmaýyn diýen niýet bilen, çekinilip gürlemegi aýtmak isledim.

Käte beýle etmegi halamaýarys, «Anyk aýtsana» diýiberýäris. Göräýmäge aç-açan, aýdyň, äşgär gürlemäge degjek zadam ýok ýaly. «Dogrusyny aýdan uýalmaz» diýen ýaly nakylam bar öýdýän. Emma üm bilen gürlemegi gadymkylarymyz halan ýaly görünýär. Kakam pahyram ýaýdanjaň adam däldi, aýtjagyny aýdar goýbererdi welin, käte jany ýanyp «Üme düşmez ekeniň» diýýänem ýadymda. Ata-babalarymyzyň ýene bir häsiýeti hakynda eşdenimde haýran galypdym. Öňler iki kişi ýöräp barýan bolsa, biri (ulusy) öňden, beýlekisi sähel yzyndan ýörär eken. Şeýdibem, biri-biriniň ýüzüne, gözüne göni seretmän gürleşip gider ekenler. Institutda okaýarkak, Gara Baýmyradow diýip dekanymyz boldy. Şol adamam hiç wagt ýüzüňe göni seredip gürlemezdi, käýýese dagy, edil özüne käýýelýän ýaly, ýüzüni ýerden galdyrman utandyrardy. Bilmedim, ýalňyşýan bolsam bagyşlaň, ýöne häzirki biri-birimiziň gargymyza bakyp gürleşmek, beýleki göwnüne alaýmasyn diýmegi asla kellämize-de getirmän «şapladyp» aýtmak häsiýeti bize has soň, bir ýerlerden gelene meňzeýär. Belki, aýallarymyz başyndaky börügini, ortada ot ýakyp, şoňa oklanlarynda, erkeklerimiz «ýewropa biçüwli eşigi» geýip başlanda, «türkmeniň medeniýetleşmek döwri» başlananda bize bu häsiýetem ornaşan bolup biler.

Emma «Üm bilen gürlejek bolup derde galyp oturman, mylaýym, süýji dil bilen aýtjagyňy aýdaňda bolanokmy?» diýibem bolar. Bolýandyr, bolar, näme üçin bolmasyn, ýöne mylaýymlylyk, süýji dillilik bir başga, üm bir başga bolaýmasa. Adam üm bilen gürlände, aýdýan zatlarynyň aňyrsynda-da manylar goýup, «galanyna özüň düşün» diýýän ýaly. Her bir zady diliňe alyp bolmaýar ahyryn. Käte dünýeden ötüp barýan adama «Razy bolaweri» diýmegem, özüňe aýyp

görýäň. O pahyr ýurduny başgaladan soň, sen yzyndan «Razy bolaweri» diýip galýaň. Giçmidir, giç dälmidir – muny Alla biler, ýöne biz üm bilen razylaşmak isleýäris. Näme üçindir, muny ýalňyşam däl ýaly görýän. Bu hereketde «Dünýeden ötüp barýanyň garagyna bakyp, razylaşjak bolup dyrjaşýançaň, jany sag gezip ýörkä göwnüne degmeseň has gowy bolmazmydy?» diýen manyny berýän, üm bilen edilen hereketi görýärin.

Häzirem ýazmany goýasym, öz-özüme «Üme-de ýer goý» diýesim gelýär. Ýöne bir zat böwrüme sanjy bolup dur. Kimdir biri «Bu wagt adamlar gönüläp aýdanyňa düşünýärmi, ümüňe düşüner ýaly?» diýýär. Başymy aşak sallaýan. Edil doly goşulmasamam, häzir üme düşünýäne duş gelmegiň gitdigiçe kynlaşyp barýandygyny boýun alýan. Şunça ýaşanam bolsam, gözüňe göni seretmän gürleşýän adamlara-da az gabat gelenimi, özümde-de beýle häsiýetiň ýokdugyny ýaşyryp biljek däl. Göwnüme bu häsiýet welilere, ylymy ýeten, atlary uly hormat bilen tutulýan işanlara mahsus ýaly. Aslynda özi şu dünýede, ruhy başga dünýede ýaly ýaşap ýören, «eteginde namaz okabermeli» diýilýän adamlaryň azdygy geňem däl. Emma olaryň sanynyň azdygy bize beýle bolmakdan, dagy bolmasa, şeýle bolmaga höwes etmekden sypalga-da däl. Üme düşýänem az däldir, her kime özüň ýalydyr öýdüp baha berme! Adamyň asyl häsiýeti, durky, oda oklanan börük ýaly, aňsat ýanyp ýok bolýanam däl bolsa gerek. Ýa-da eşigini üýtgedeniň bilen häsiýetiniňem üýtgäp ötägitjekdigine ynanmak kyn. Ýöne käbir häsiýetlerimize üns bermän, käbir häsiýetlerimizi unudyp bileris. Megerem, mundan artygy artyk, galanyny «üme goýaýyn».

------------------------------------

## Datsadyk, çal başymyzy ugrunda pida etsedik…

Arada gürrüň agzybirlik hakynda boldy. Her kim agzybirligiň tarapdary, her kim agzybir bolunanyny isleýär. Birden iňkise gitdim. Agzybirligiň nämesi gowy? Agzybir boljak bolup diýjegiiňi diýip bolanok, isläniňi edip bolanok, alasyň gelenini alyp bileňok. Ulyny sylamaly, ula gulak asmaly. Uly diýýäniň seň üçin jany agyrsa-da agyrýandyr welin, ilki bilen öz bähbidine agyrýandygy, onsoň saňa gezek gelýänem belli. Şeýle bolmasa kim ulusyny diňlejek däl?! Hezil, özüňden ulyň diýenini edip ýörmeli. Ýöne uly adalatsyzlyk etse, alagöz bilen seretse, özüniň bähbidini göz-görtele öňe tutsa – şonda-da agzybirlik diýip boýnuňy sallap oturmalymy? Belki, oglan ýaşda bolsaň, şarpykdan gorkyňa otursaňam oturarsyň, emma senem çagaly-çugaly bolaňsoň, jogabyny beresiň geliberýär. Jogabyny berýäňem – agzalalyk başlanýar. Iliň gürrüňem üstünedir.

Onda agzybirlik diýilýän zat – hyýaly bir zatmy? Dogan-dogan bilen, daýy-ýegen, garyndaşlar, ogullar, gyzlar… bilen agzybir, bir çukura tüýkürip ýaşamak hyýaly zatmy? Hiç kim bilen işiň bolmasa, «edeniňi et, han ogul» diýseň – o-da bolýar. Şonda-da agzybirlik daşyndan-a agzybirlige meňzeýär. Aslynda, köp duş gelinýänem şu daşyndan agzybir görünýän, aslynda welin, agzala ýaşaýyşmyka?

Uruş döwürleri, açlyk ýyllary adamlar agzybir ýaşapdyrlar diýýäler. Onda agzybirlige diňe başymyza bela inende ýetip bolýarmyka? Beýdip ýetiljek agzybirlige-de höwes eder ýaly däl. Biz agzybirlik diýilýän zadyň nämedigini, onuň gymmatyny, lezzetini, abraýyny, netijesini bilmeýän bolaýmalyň, käte agzalalygyň nähili masgaraçylykdygyny bilmeýşimiz ýaly?!

Ýaňy öýlenäýen ýyllarym iki sany garryja adamlara myhman bolupdym. Şonda olaryň biri-birine hormat goýuşlaryna, biri-biriniň göwnünden turjak boluşlaryna, biri-birlerine şeýle üýtgeşik nazar bilen seredişlerine haýran galypdym. Olara gözüm gidipdi. «Menem ömürboýy şeýle agzybir ýaşaşsadym» diýip içimden göwünýüwürdipdim. Men diňe iki sany adamyň – är-aýalyň agzybirliginiň gürrüňini etdim. Doganlarda biri-birine şeýle duýgy bolsa, gaýyn-gelinde-de şeýle bolsa, garyndaşlarda-da şeýle bolsa… Bolsa-bolsa diýdigiňçe, bolsada, ertekä, hyýala meňzäberýär. Näme üçin? Näme üçin biz agzalalygy saýlaýarys, agzybirligem gowy görýäris?

Göwnüme bolmasa, uly firmalar, holdingler agzybirligiň arkasyndan ösýärler, berkeýärler. Olaryň arasyna agzalyk düşdümi, näçe uly, baý firmalar pytrap gidýärler. Nähili uly maksatlar, öňde duran netijeler ýetilmän galýar.

Är-aýalyň arasyndaky agzalalyk uly holdingleriň ýanynda hiç zat ýaly görnübem biler. Ýöne maşgaladaky agzalalyk sebäpli nebir öýleriň ýumrulýandygyny, çagalaryň iki oduň arasynda galyp, ene-ataly ýetime öwrülýändigini, iýileniň zäher, içileniň awy bolýandygyny ýatlasak, bu agzalalyklaryň haýsysyny uly, haýsysyny kiçi etjegiňi biler ýaly däl.

Inim şol gürrüňde: «Agzibirlik kyn iş. Ony her kim başarmaýar. Pylany başarmandyr diýibem ony ýazgarmaň» diýdi. Mundan çen tutsaň, agzalalyk atylan ok ýaly bir zat, onuň öňünden sowulyp bolmaýar.

Heý, agzybirligi berk saklaýan diregler ýokmuka? Ýekeje biri bolsa-da bolýar. Ilki bilen aklyňa düşünjelilik gelýär welin, ýöne düşünjeli adamlaryňam oňuşyksyz ýaşap ýöreni kän. Elbetde, nadanlygyň agzybirligiň oduny hasam tutuşadyrýan körükdigini boýun almaly, ýöne diňe düşünjeliligem ejiz ýaly. Ýa-da meniň «düşünjelilik» sözüne sygdyrýan manym dar?

Onda maksadyň birligimi? Edil açlyk ýyllaryndaky ýaly, her kimiň aladasy garnyny doýurmak bolsa, agzalalyk ýadyňa düşýän däldir, belki? Maksat bir –

her kim her edip-hesip edip baý boljak bolýar, emma agzybirlik beýle maksatlylardan menzil-menzil uzakda.

Ýa-da maşgaladakylaryň hemmesi şahyr, suratkeş diýen ýaly, gyzyklanýan zatlary meňzeş bolsa? Bu-da ygtybarly, direg diýer ýaly bir zat däl. Ýeser ýerem agzybir ýaşajak diýip, baryň suratkeş bolmalymy? Suratkeşligi Alla her kime deň berenog-a. Oňa bolan höwesem her kimde birhili.

Onda agzybirligiň diregi ýokmy?

Ýene şol garrylar göz öňüme gelip gitdi. Olarda başga adamlarda kän duş gelmeýän bir häsiýet, bir düşünje, ýörelge bar ýalydy. Ony düşündirjek boldugymça «Özüňi süýt bil, dostuňy gaýmak» diýen nakylymyz akylymda aýlanýar. Meniň aklyma sygdyryp bilmeýän, çykalgasyny tapmýan agzybirligimiň esasy diregi ýekeje sözleme sygypdyr. Ýöne ol ýekeje sözlemi ýüregiňde elmydam göterip gezmekde iş bar. Şeýle bolmasady agzybirlik diýlen, şeýle gymmatly zat bolmazdy. Gynanýan ýerim, aramyzda onuň tagamyny dadyp görmedigimizem bar ýaly. Başymyz çalarsa-da, ýaşymyz ýetmişden agsa-da… Eger dadyp gören bolsadyk, bu çal başy onuň ugrunda pida etmäge taýýar bolardyk.

--------------------------------------

## Ömür howuzy

Ömri «çagalyk», «oglanlyk», «ýigitlik», «garrylyk» diýip böleklere bölýäler. «Dünýä inmek» hem «dünýeden gitmek» diýibem ýene iki sany bölegi bar. Soňky ikiniň her biri, ýokarky dördüň dördüsinem birden öz içine ýerleşdirip bilýän giňlige-de, çuňluga-da eýe ýaly…

Men ýaňam kakamy beýle gowy göremokdym – ýanymda otur diýýädi, men bildirmesemem (heýem kakaň bilmezmi?!) oturmagy kyn görýädim. Käteler käýýär diýip görünmejek bolardym. Elmydam kakamyň meni, meniň kakamy gowy görşünden has kän gowy görýändigini duýýardym. Bu maňa gaty agyr degýärdi. Munuň tersine bolmagy üçin näme etjegimi bilmeýärdim. Näme etsemem kakamyň meni, meniň kakamy görşümden has gowy görjekdigine akylym ýetip durdy. Edil ýaryşa çykmankaň garşydaşyň özüňden ýyndamdygyny boýun alan ýaly. Ýogsa ýaryşmak nire, men nire, kakam nire? Ömri dünýe bilen ýaryş gurmaga-da deňeýärler. Belki, mende-de bir döwürler dünýe bilen ýaryş gurjak bolmak bolsa bolandyr. Aslynda dünýe menden bu ýaryşda öň gaçmady. Gaýta men öň gaçan ýaly. Dogulamda başlygyň ekiz körpeleriniň biri bolup doguldym. Daşymda ejem, gelnejelerim, aýal doganlarym kebelek bolup aýlanypdyrlar. Juda ir ýaşdakam hat okamagy öwredipdirler, mümkin,

aristokratlaryň çagalaryna berilýän edebi bermäge çalşypdyrlar. Bir klasdaşymyň kakasynyň özüni guşak bilen ýençýändigini gürrüň berende agzymy açyp galypdym. Guşak bilen ýenjilmek däl, gaty ses bilen üstüme gygyrylanynam kän bilemok. Ýekeje gezek etmedik işimi etdiň diýip nähak käýýänlerinde beýleki jaýa geçip erbet aglanymy ýadyma düşýär. Soň, onam hynçygawygymy aýyrmak üçin, bilgeşleýin edenlerini bildim. Şonda-da kän wagtlap köşeşip bilmändim. Okan kitaplarymyň diňe atlaryny ýazyp çykjak bolsamam, eslije wagtym gider. Köpüsem dünýä edebiýaty, iň meşhur, saýlama ýazyjylaryň, şahyrlarynyň ýazanlary. Olar hakynda ýazylanlar. Olaryň hatlary, gündelikleri… Soňam din-iman meselesi. Pygamberleriň ömri. Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) hadyslary, sahabalar baradaky kitaplar… Bulary dünýe bilen ýaryş gurmak diýip hasaplasaň – men juda ir gaçdym. Emma ýeser ýeri, başda ýaryş ýaly başlanan ömür, soň başga many alýar eken. «Ýaryş» diýlen düşünje şeýle bir ýöntem, şeýle bir yzda galýan eken. «Ömür» diýleni ilki birhili, soň başga hili okaýan ekeniň. Geň ýeri, ömrüňe soňky düşünşiňem ilki düşünşiňden gaty daş bolmaýar. Ýöne olar başga-başga zatlar. Dar ýerde biri-biriňi ozjak bolup barýarkaň, birden giňişlige çykyp, ýoluň giňdigine, hemme kişä-de ýeterlikdigine düşünip, pellehananyňam ýitip gitmese-de, asla başga bir mana eýe bolup galyşyna düşünşiň ýaly. Hereket, öňe tarap ymtylyş dowam edýär, ýaryşam ýok däl, pellehana-da görnüp dur, emma düýbünden başga duýgy seni gurşap alýar. Ýöne bu duýgy birden bolup geçenok. «Şu gün ýatdym, ertir düýbünden başga duýgy bilen oýandym» diýmek däl. Belki bu, dünýeden öten, ýanyňdan giden kakaňy öňküňden has gowy görüp başlamagyň bilen başlanýandyr. Ýa-da indi özüň ogullaryňy ýanyňda oturtmaga çalyşmaga başlamgayňda başlanýandyr…

Ömür – dürli çuňluklary bolan ullakan, bütewi bir howuza meňzeýän, oňa-da her kim, ýeke-ýeke çümüp çykyp barýana meňzeýär. Kakamyň çümen howuzynda bu gün men, ertir ogullarym, soň agtyklarym… yzly-yzyna, nobatma-nobat çümüp çykyp barýarys…

----------------------------------

## Dert

Awgustam geldi. Kim üçin adaty aýlaryň biri, kim üçin… Biziňkileriň köpüsiniň toýy sentýabra gabat gelýär. Ýakynda-da biri öýlenmeli. Oňa degşip «Arada «awgust» diýip bir bolgusyz aý bar. Ýogsa bu wagt eýýäm toý etmeli» diýip degişýäs. Onda-da otuz bire çekýän awgust. Meň üçin welin, bu aý ýylyň ömrüniň dowamynda iň gaýnap joşýan iň soňky aýy. Soň güýz düşer, aňyrsam «gazaply gyş…»

Hemişe öýde oturanymdanmy, okaýan zadymam az. Az diýsemem ýaş ýigitden başlap, orta ýaşan, ýaşy bir çene baran adamlaryňam ýazan, ýazýan zatlaryny okamaly bolýan. Ýok, kyn göremok. Bir dostumyz bardy – owadan, seçelenip duran, şar gara saçlary bardy, ýöne elmydam papakly gezerdi. Ana, şol papagyny käte aýyranda höwes bilen onuň saçlaryna serederdim. Öz saçym gaty bolandanmy, ýumşak saçlary gowy görerdim. Hekaýa, goşgy, powest, ssenariý… diýen ýaly zatlaram şol dostumyň saçlaryny ýatladýar. Adam kän ýüregini açyp ýörýärmi, hekaýa, goşgy bahana bolmasa…

Okaýan zatlarym barada gürrüň beresim gelenok, ýöne soňundan edýän käbir pikirlerimi paýlaşaýyn. Soňky döwür hiç zat ýazamok diýen ýaly. Kän ýazmamsoň, aýda-ýylda bir otursam, näme-de bolsa okar ýaly bir zat ýazjagymy bilýän. Öwünip diýdigim bolmasyn, niçigem bolsa ömrümiň köpüsi ýa-poz bilen geçdi. Kelle diýilýän gutyň içinde bir zat bar bolsa, kagyza geçirmegiň garaz hötdesinden geljek bolýan. Ýöne duralga-da awtobusa garaşyp duransyň. Olam garaşdyrar. Ýöne şonda-da alyp bir iş bilen meşgullanybermersiň – başlaýsaň ýaňky garaşdyran awtobus geläýjek ýalydyr. Menem şolar ýalyrak bir duýguda ýaşaýan. än bir elim işe baranok. Ýok, göwnüm çökgün ýa-da hiç zada höwessiz däl. Ýöne elim baranok. Hernä kino diýip bir gyzykly zat bar, şoňa gyzygan bolýan. Ýöne mesele duralgada-da, garaşdyrýan awtobusda-da däl bolaýmasa. Ýazmak diýilen işiň bir ýeser tarapy bar – ol dostumyň papagyny wagtal-wagtal aýyryşy ýaly, köpüň öňünde ýüregiňi açmak. Ussatlyk bilen, gep oýnadyp, açan ýaly etseňem açmanam bolýar. Onam okyjy şo bada bilýär. Bilmände-de bu käriňe ikilik etdigiň bolýar. Emma boýun almaly, ýazmagy kär edindiňmi, näçe kyn düşse-de, ýüregiňi açmaga boýun bolmaly. Onuň ejirini çekmeli. Bu meseläni ýeňdiň diýeli (hatda ýaş wagtyň bu mesele-de bolup duranok). Näme ýazmaly? Nädip ýazmaly? Şu iki soraga jogap bermän kelläňe gelenini ýazýan wagtyň ýaşlygyň, höwesjeňligiň (çeper höwesjeňligiň diýseňem bolýar) bilen geçip gidýär. Belki, meseläni başgaça aýtmalydyr – näme ýazmaly däl?

Arada, Moskwaň kinomatografiýa institutynyň ssenariçilikden okadýan bölümine giriş ekzamenleriiniň şertleri bilen tanyş boldum. Oňa girmek üçin ýörite bellenilen wagtda, mugallymyň öňünde oturyp, berilen temadan bäş-alty kagyzlyk gysga etýid ýazmaly eken. Ýöne şol etýudda ýazmak bolmaýan zatlary öňünden aýdýarlar. Ine olar: arakhorlar, narkomanlar, däliler hakynda ýazmaly däl. Düýş, fantastika, gan-da-pyçak, ölüm, öldürmek diýen ýaly zatlaram bolmaly däl. Ilki «Näme üçinkä?» diýip geň galdym. Mysal üçin, eli pistoletli gahrymanyň gelýär diýip başlasam, meseläniň esasy bölegini şol pistolet çözýär. Kimi atar? Özüni atjak bolýarlarmy? Ýa-da özi özüni atjak bolýarmy? Bir topar gyzykdyrjy soraglar aňsatlyk bilen döreýär. Senden talap edilýän bolsa, aňsat ýol bilen gyzykdyrmak däl, ökdelik, geň wakalary gurmak arkaly okyjyny gyzykdyryp bilmek. Şonda şertlerden zeýrenýänlerimiz ýadyma düşüp gitdi.

Ýazmak meselesinde ýene bir meni oýlandyrýan zat bar – ýazasyň gelmesede ýazmalymy? Ýa-da diňe ýazasyň gelende ýazmalymy? Özüň üçin ýazmalymy? Ýa-da okyjy üçin ýazmalymy? Magtymgulam «Sözüm diňlän ýok diýip, ümsüm oturma» diýýär. Birdenem «Näme joşa düşüp sen?» diýip özüne jany ýanýar.

Bolýar, öz başymy agyrdýan zatlarym bilen siziňem başyňyzy agyrtdym, ýüregiňizi gysdyrdym.

Ine bahym bu sowallaryň baryna jogap tapan ýaly, ýazmaga başlaryn. Birdenem ýene öwrenje oglan ýaly, soraglarym bilen urşup başlaryn, ýaz-poza elim barmaz. Bu-da bir dert-dä…

------------------------------

## Saryýa

Näme üçin derde galyp ýörün?! Meň bilýän zatlarymy kakam bilenokdy. Menem ogullarymyň bilýänini bilemok. Agtyklarymyň başarýan zatlaram ogullarymy geň galdyrar. Dünýäň akyşy şeýle. Akýan zat bir ýerlere barýar, ýöne köp zatlaryňam deňinden geçýär. Gidip barşyňa ýanyň bilen alyp gidip bolmaýan zatlaram, gynansagam bar. Şu wagt tutuş ýer togalagy eline jübi telefonlaryny alyp ber-başagaý bolup ýören ýaly. Her kim her kim bilen gürleşýär. Ne arada menzil bar, ne wagt. Ýekeje düwmä basýaň sesiň Amerikada eşdilýär. Muny kakam dagyň döwri başaranokdy. Biz aşyk oýnardyk, indikiler oturan ýerlerinden ekrana seredip, dünýä söweşlerini gurýarlar, görülmedik, eşdilmedik duşmanlar bilen urşup oýnaýarlar. Gepi uzaldyp oturmaýyn, sähelçe ýyl yza gitseňem, häzirki tebigy zada öwrülen hadysalar, geçen nesliň düýşünde-de görmejek, hyýalyna-da getirmejek zatlary. Emma şonda-da Sahy Jepbar «Dolanawer menzil-mekan saryýa…» diýip gygyrýar welin, ýetginjegiň biri: «O näme diýdi-gaý?» diýip, maňa seredip mölerýär. Men ilki onuň nämä düşünmeýändigine düşünmedim. Soň görüp otursam, ol «saryýa» sözüni bilmeýän eken. Onuň dilinde, türkmen dilinde «saryýa» diýen söz ýok. Gaçyp galypdyr ýa-da döwrüň akymy bilen akyp barýan ýetginjek ol sözüň duşundan geçip gidipdir. Ýadyma düşýär gazetde işleýärkäm «Yza:» (agyry, ejir, dert diýen manyda) diýip bir zat ýazypdym. Ýaş işgärleriň birem muny «yza», ýagny yza gitmek, götünjeklemek manysynda okapdy. O wagt muňa kän ünsem bermändim. Mümkin ol oglanyň türkmençesinde-de soňky «a» harpy uzaldylyp aýdylýan «yza» sözi ýokdur…

Mundan soňky aýtjak bolýan zadym düşnüklidir. Döwür üýtgeýär, dilem üýtgeýär. Käbir sözlerimiz, gynansagam, geçmişde kän ulanylman ýa-da başga bir sebäp bilen, ýitip gidýär, ýerini başga bir söz çalyşýar, käte-de hiç bir sözem

çalşyp bilmeýär-de, ol söz bolmadyk ýaly, ne yzy galýar, ne tozy. Hawa, bary düşnükli.

Birini tanaýardym – oň iň köp gaýtalaýan, mümkin iň gowy görýän sözi «düşnüklidi». Düşünse_düşünmese düşnükli diýýärdi. Menem şoňa öýkünip «düşnükli» diýip gezibermeli welin. Ýöne düşünmesem nädeýin. «Saryýa» diýen söz seniň üçin ýok bolsa, onda Sahy bagşyň «Saryýasam» ýok bolýar. Sahydan «Saryýany» aýyrsaň nähili bolar? Ýok, Sahydan «Saryýany» aýryp bolmaýar, senden «Saryýa» aýrylyp galýar. Sende, mende «Saryýa» ýok bolsa, ol meşhur aýdymyň janyňy alyp barýan «Mukamlar başy» diýen sazam bolmadygy bolmaýarmy? «Mukamlar başy» saňa ýat bolsa, türkmen tutuş saz sungaty bilen araňda gorp emele gelenokmy?

Bir gezek ýaşkam «Dutar sazyna tyňňyla diýýänem bar-aý» diýenim ýadyma düşýär. Şonda agam bolsa-da bilemok: «Sen klassik sazlaryny diňläňok, mysal üçin Bethoweniň «Aý sonatasyny». Olam şoň ýaly «Göroglyň at oýnadyşyny» ýa-da «Mukamlar başyny» bilenok» diýip düşündiripdi.

Meseläni özüme öwürmekçi däldim, nähili öwrülenini bilmän galdym. Bir sözi ýitirmegimiz bilen biziň gaty köp zatlary ýitirýändigimizi aýtjak boldum. Ýa-da meň derde galyşym, ölüni direltjek bolmak ýaly bir zatmyka? Ýitirilen sözlerimiziň, edeplerimiziň, dessurlarymyzyň gonamçylygy diýen ýaly bir ýer bolsady, oňa ähli işimi goýup aýlanmaga giderdim. Ýöne aýlanyp çykanymdan soň, nähili hala düşjegimi bilemok.

Bir gezek Köşiň gaýrasyndaky «Ors öwülýäsi» diýilýän ýere gitdik. Barsak Mylly aga-da, Hury Halmämmedem, Sahy Jepbaram, Kerim Gurbannepesem, Şaja Batyram… türkmeniň men diýen adamlarynyň köpüsi şol ýerde. Soň gonamçyykdan çykamda töweregim boşan ýaly boldum. Dirileriň arasynda ýaňky sanan adamlarym ýaly adamlar ýokdy. Gonamçylykdan çykanyma gynandym, ýöne diri bolsaň o ýerde galyp bolanok, çykaýmaly. Ýitiren sözlerimiziň, däp-dessurlarymyzyň «gonamçylgyndanam» nädip çykyp bolar. Olary göz öňüňe getireniňden iniň tikenekläp gidýär. Sahy agany gonamçylykda goýup gaýtman bolmaýar. Bu dünýäň gurluşy şeýle – diriler ölmeli. Ýöne onuň «Saryýasyny» nädip, gömüp gaýtjak. Ony gömüp bolmaýar. Ony biz ýitirp bileris, ýöne ol ýitmeýär. Gurbannazar «Biz özümiz ýitirýäris ýaşlygy» diýýär. Biz özümiz «Saryýany» ýitirip bileris, emma «Saryýa» hiç zady ýitirmeýär…

Uzakdan bir ses gelen ýaly boldy: «Arrygyňy gynama, bu Ýer togalagy elindäki telefonuny goýup, «Saryýany» diňlemez...» Şol bada-da «El telefony bilen bizi geň galdyran nesil, ýene haýran galdyryp biler, umytda bolaly» diýenimi duýman galdym.

-------------------------------

## Daglaryň syry

Käte hemmämizde-de bolýandyr, kelläňe bir aýdymyň heňi ýa-da bir goşgy setiri girer-de – hiç çykmaz. Şu günler meňem Sahy bagşyň «kararly» sözüni birhili owazlandyryp «Mydam bir kara-arly daglar» diýişi aňymdan aýrylanok, gulagyma gelip dur.

«Karar» sözi öwrenşen sözümiz. Biz muňa köplenç döwlediň, hökümediň bir mesele bilen baglanşykly çykaran karary hökmünde düşünýäris. Emma Sahy agaň «kararly» diýen manydaky sözi kän bir ýörgünli däl. Setanda-seýranda bolmasa, «Pylany bir kararly adam» diýmeýäris. Gaýta, dilime «öz diýenli», «kesir», «hötjet», «keçjal», «dikdüşdi» diýen ýaly sözler gelýär.

«Karar», «kararly» sözüni çalyşýan, manydaş sözleri gözledim. «Düşündirişli sözlügi» açdym. Onda kararly – sabyrly, çydamly, takatly diýip düşündirilýär. Hatda «Senden karar tapar jahan, Mydam bir kararly daglar («Türkmen halk şahyrana döredijiligi») diýip mysalam getirlipdir.

Magtymgulyda dag «Ýeriň myhyna» deňelýär. Olaryň sarsman, haýbatly duruşlaryna bendi bolanyňy duýman galýaň. Emma daglary sabyr etjek, çydajak bolýan görnüşde göz öňüňe getirmek kyn. Daglar sabyryň özüne sabyr etmäni öwredäýjek ýaly.

Agyp-dönüp, bir eýleden, bir beýleden öwsüp durmak şemala gelşer – daglara gelişmez. Şahyr «Boýumy boýuňa deňän haladym, Toba edip öňüňde çökerin, daglar» diýýär. Meniň welin daglaryň belentliginiň däl, bir kararlylygynyň öňünde dyza çökesim gelýär.

Adamlaryň arasynda-da az gepli, agras adamlara mydama gözüm giderdi. Işim şowuna düşşün ýa-da biraz kynçylyk çeksem – şol bir bolşuny saklaýan, ne eselýän, ne peselýän häsiýetli adamlaryň ýanyna barasym gelerdi. Indi özüm ýaşululyk ýaşyna ýetdim. Şonda-da käte gyzmalyk edýäň, kelläň göçýär, soň uzak gije puşman edip ýatansyň. Kakam pahyr oglankamam maňa «Kelläň göçgünli» diýerdi. Bilmedim ýaradylşymdanmy ýa-da başga sebäplerdenmi, garaz indi maňa «göçgünlilikden» halas bolmak ýok. Belki şondandyr Sahy agaň «kararly daglarynyň» gulagyma gelip durany.

Ynha, bir goja gelýändir, agras ädimläp. Her kim ör turup oňa salam berer. Soňky döwür häli-şindi aýdylýan «aga» sözüne tüýs gelşip durandyr. Ol öýüň törüne geçip oturar, gabagyny galdyrasy gelmez. Emma boýun alaýyn, käte göwnüme munda biparhlyk, doňýüreklik bar ýalam görerdim. Meniň ol garryda janlylyk, hereketlilik göresim gelýärdi. Ýaş ýigide gelişjek joşgunly sözler, dogumly herketler ak sakgaly döşüni tutup duran adamdan çyksa, geň görüner, ýasama bolar, hatda halanmazam diýip pikir etmeýärdim. Bu gün bolsa, bir

kararlylyga gözüm gidýär. Ilki bilenem Jelaletdin Rumy göz öňüme gelýär. Onuň meşhur portreti bardyr. Bütewi, el-aýak diýen ýaly beden agzalaryna bölünmedik tutuş bir zat ýaly görünýän keşbine seretdigiňçe gözüňi aýryp bilmersiň – hakyky bir kararlylygyň etalony ýaly görner. Şeýledir öýdýärdim, emma soň bir ýerden okadym, şony çeken suratkeş onuň başga-da alty sany portretini çekipdir. Olaryň hersem birhili, biri-birine meňsemeýän keşpler bolup çykypdyr. Hatda alymlaryň arasynda: «Bularyň haýsysy Jelaletdin Rumyka?» diýenlerem tapylýar. Bir kararlylk nire, alty-ýedi sypat nire? Ýöne daglar hakynda oýlansaňam, birbada bir bolşuny üýtgetmän oturan ýalydyrlar welin, iň köp ýer titremeleriň dag eteklerinde, ýanardaglaryňam daglyk ýurtlarda bolýandygy mälimdir. «Süýde siňe seretjek» bolamok. Ýöne köplenç manyly gürrüň ýaňra adamdan az çykar, az gürleýäni welin, diňläsiň geler. Aslynda adamy kän gürletmeýänem şol manylyk bolsa gerek. Belki, dagy sarsdyrman saklaýan onuň içindäki güýçdür? Nijeme wakalara şaýat bolan garly başydyr? Mümkin, gojany agras ädimledýän, birbada parhsyz ýaly görkezýänem onuň aňynda aýlanýan pikirlerdir, ajyly-süýjüli ömrüdir?

Kerim Gurbannepes şahyram «Ýaşyň bir çene baransoň, iýesiň gelen zady iýibermegin, geýesiň gelen zady geýibermegin, aýdasyň gelen zady aýdybermegin» diýipdir. Bu çäklendirmeler gojalygyň aňyrsyndaky güýçden, paýhasdan habar berýär. Pygamberimizem «Gany gaýnap joş urýarka-da gojalan adam ýaly agras, ahyreti hakynda oýlanýan ýaş ýigit Allanyň iň halaýan adamydyr» diýipdir.

Megerem, «Mydam bir kararly» diýlip waspyň edilmegi üçinem içiňde harasat gopup, daşyň welin parahatlygyny saklamalydyr. Şol harasady jylawlap, bir mana salyp, az sözde adamlara ýetirip bilýäni üçin agras ädimläp gelýän, törde gabagyny galdyrman oturýan goja sylanýan bolarly. Aslynda, tutuş milletleri sypatlandyrsalar «Millet diýlen köpçülikdir, her hilisi bardyr» diýip böwrüňi diňleýäňem welin, şonda-da türkmen diýlende agraslyk, azsözlülik, gaýratlylyk, haýalylyk ýaly sypatlar ýadyňa düşýär. Men muny egin-eşigimize, saz gurallarymyza esaslanyp aýdýan. Dutar, gyjak beýlede dursun, gargy tüýdügimizem diňleseň bökdüribermez, gaýta seni hasam agraslandyrar, oýlandyrar. Magtymguly akyldarymyz «Az iýgil, az ýatgyl, ýene az sözle» diýende-de daglaryň bir kararlylygyna ýetmegiň ýoluny, daglaryň syryny düşündirýän ýaly görünýär.

Emma Jelaletdin Rumy «Bolşuň ýaly görün ýa-da görnüşiň ýaly bol!» diýýär. Bir gyra çekilip, sesiňi çykarman, sülmüräp oturanyň bilen senden islenýän goja bolarmy? Hany, seniň içiňdäki howruň, derdiň? Dymyp oturanyň bilen dag bolup bolýan bolsa, onda dag diňe ileriňde däl, gaýraňda-da, ýüzüňi öwüren tarapyňda-da bolaýmazmy? Onda käbir ägirtleri ýatlap gözüňe ýaş aýlanarmy? Dertsiz dag dag däldir, dagdan gopan bir bölek sowuk daşdyr. Onuň ne ýylysy

bardyr, ne-de üstüne gök ot biter. Gaýta, ýolda ýatan bolsa, aýryp bilmeseň, sowulyp geçmeli bolarsyň. Ol dert götermez, özi dertdir.

Mydam bir kararly daglaryň, agras ädimläp gelýän paýhasly türkmen ýaşulysynyň başyna dönseň. «Senden karar tapar jahan…»

-------------------------------------

## Häsiýet gözelligi

Gar eräp, ýere ýyly gidende, meýdan ýuwaşjadan, hiç kime görünmän, ýaşyl lybasyny geýýär. Soň güle bürenýär. Tebigatyň gözelliginden gözüňi aýyrasyň gelenok. Şonda özüňde-de şeýdip gözelleşmek ukyby dörän ýaly bolýar. Otagyň dört diwaryna sygaňok. Ýüregiň meýdan küýseýär. Ýagyş ýagyp gök gürlese terje kömelekler ýadyňa düşýar. Egin-eşik satýan dükançam «Ýaz çykdy. Indi meniň söwdam ýörär» diýip, baharyň gelenine başgaça bir nazar bilen seredip begenýär. Ýazyň ýakymly howasyndan kükregini dolduryp ýylgyrýar. Hakykatdanam agyr gyş eşiklerini asgyçdan asan adamlar owadan köýnekleri satyn almaga howlugýar. Gözellik ynsany serhoş edýär. Kim daga çykýar, kim çöle, kim düze. Torgaý guşy ýaly asmana uçup, ne daşlaşyp, ne gonup bilmän gözelligi wasp edip saýrasyň gelýär. Biziň her birimiz gözelligiň zary, onuň intizary.

Näzik gül ýapragy, ýaňy gögeren gyrtyç, ýepelek... Çagaň galpagyny sypan ýaly, ýumşajyk otlaryň ýaşyl başyny mähir bilen sypalarsyň. Öz çagalygyň, oglanlygyň ýadyňa düşüp gider. Birdenem çyn gözellik hakynda oýlananyňy duýman galarsyň. Belki, bu näzikligiň, ýaz pasylynyňam bary-ýogy iküç aýa çekjekdigi, tomsuň gyzgyn deminiň olary saraljakdygy seni şeýle oýlara itekleýändir. Öz-özüme «Güli ysga, suratlandyryp bolmaýan, töwerege bark urýan täsin howadan beýhuş bol, tomsuň jöwzasy nireden ýadyňa düşýär?» diýip käýinýän. Emma ýüregimde dörän ünji menden aýrylmaýar. Köňlüme gussa aralaşýar. Edil ýigitligiň senden sowlup gitjekdigine birden akyl ýetiren günüňdäki ýaly. Bir zat meni köşeşdirýär – ýaşlygym dolanyp gelmese-de, pasly baharym ýene geler. Hamy halparyp, ýygyrdy atan ellerim bilen men ýene ýazymyň başyny sypalaryn, ýeňiljek hasama direnip durşuma gojalykdan kütelen gözlerim bilen baharyň gözel görküni synlaryn. Hakykatdanam bu hyýalym maňa goltgy berdi, goltugymdan göterdi. Emma şonda-da, özümi gözleýän zadyny ýitiren ýerinden gözlemeýän adama meňzetdim. Uzak wagtlap aýnaň öňünde oturyp, ýüzüne-gözüne timar beren gyzyň gözelligi daş keşbinden gözleýşi mysaly.

«Gözel ýüzden kyrk günde ýadalar, gözel häsiýetden kyrk ýylda-da ýadalmaz” diýilýär. Ýüregim ýagtylyp gitdi. Häsiýetiň gözelligi hakynda oýlanan badyma şeýle häsiýetli tanaýan adamlarym ýeke-ýeke göz öňüme geldi. Ilki

bilenem şahyr Gurbannazar Ezizow. Onuň ejesi Gülnabat daýza “Ol meň göwnüme nemetmedik ýaly-da… Haçan ýatlasam ýanymdajyk dur” diýenini ilki eşdenimde ýeke ogluny aldyran, onda-da nähili oguly ýitiren enäniň bu sözlerine haýran galypdym. Ertir Gurbannazar 75 ýaşaýar. Eger aýp bolmasa, Gülnabat daýzanyň sözlerini gaýtalasym gelýär – ony haçan ýatlasam, ýüzüme bakyp, owadan ýylgyryp dur. Hasam şadyýan gözlerinde dünýäniň ähli gözelligi jemlendimkä diýdirýär. Beýle gözellige – häsiýetiň gözelligine nädip ýetilýärkä? Muny dünýäniň iň owadan matasyndan tikilen, iň nepis nagyşly köýnegem saňa berip bilmez. Hatda şu gözel tebigatam ynsanyň şol gözelliginden ejiz. Ony tomsuň jöwzasam, gyşyň gazabam guradyp, soldurmaýar, ajalyň ajy aýralygam. Emma ýaşlykda ynsan, näme üçindir, içki gözellige däl-de daş gözellige köp üns berýän eken. Gözelligi häsiýetde däl-de, ýüz keşpden, bezemen egin-eşikden gözleýän eken.

Bilýänsiňiz, Ybraýym Edhem hökümdarlygyny taşlap, sopuçylyga ýüz urýar. Sopularyň yzyna düşüp, olaryň iýjek naharyna çenli taýýarlap berýär. Şonda-da derwüşler telim wagt ony tabakdaş edinmeýärler, oňa “Aýry tabakdan iý, senden hökümdaryň ysy gelýär” diýýärler. Bu rowaýatda gedemlikden gürrüň edilýändir öýderdim, emma Ybraýym Edhemden isleňýän zat, häsiýet gözelligine ýetmegi eken. Ýyllar geçýär. Ybraýym Edhem deňziň gyrasynda tolkunlary synlap, eşigini ýamap otyrka, arkasyndan onuň ýerine hökümdar bolan weziri gelýär. Sesini çykarman içinden “Ýeten derejäňem şumy?” diýip pikir edýär. Şonda Ybraýym Edhem elindäki iňňesini deňize oklap goýberýär. Şol bada-da bir balyk iňňäni agzyna alyp, yzyna, Ybraýyma getirip berýär. Muny gören weziriň akly haýran bolýar. Ybraýym Edhemem “Gördüňmi ýeten derejämi?” diýip, weziriň içinden eden pikirine daşyndan jogap berýär-de, turup gidiberýär.

Ýene elimde Gurbannazaryň goşgular ýygyndysy, men olaryň içinden deňize oklanan iňňe ýaly, görülmesi kyn, tutulmagy çetin setirlerini, sözlerini gözleýän. Olaryň käsini görsem, köpüsiniň deňimden geçip gidýändigimi duýýan.

Gurbannazaryň goşgularyny oňa deňänimden boldumy, ynsanyň oýlap tapan gurallaryndan iň gözeli iňňe diýesim gelýär. Ol özüniň ýönekeýligi, kämilligi bilen haýran edýär. Gurbannazaryň aýdyşy ýaly, ol özüni şeýle bir ýonupdyr, artykmaçlykdan, ne-de kemterlikden onda nam-nyşan galmandyr. Inçejik sapak onuň gözünden zordan geçýär. Emma matalaryň içinden, çeper barmaklaryň erki bilen, ýüzüp barşyna syn etseň, oňa gözüň gidýär. Iňňe bolmasady bu çeper gaýmalar nädip dörärdi?! Belki, adamyň ilkinji gurallarynyň birem iňňe bolsa gerek, emma ol milliardlarça ýyl geçse-de, üýtgemeýär. Kämillik derejesine ýeten gözelligi ylym näçe össe-de üýtgedip bilmeýär. Üns berseňiz, onuňam çyn gözelligi häsiýetindedir. Onuň özi ýalaňaç, emma ýalaňaçdygynyň aladasyny etmän, ynsana egin-eşik tikmegiň derdinde.

Şaglap akýan suwuň kenarynda ösüp oturan mähnet çynaryňam gözelligine bendi bolup serederdim. Emma görüp otursam, onuňam gözel görki gujaga sygmaýan ýogyn daragytynda, berdaşly şahalarynda däl-de, kim aşagyna gelse gelsin, hiç kime “Sen kim?” diýmän, deň saýa salyp oturşynda eken.

Agalarymyň gyzjagazlarynyň biriniň gelnejeme «Eje, näme üçin meň adyma Gözel dakmadyňyz?» diýýäni ýadyma düşende, häzirem ýylgyrýan. Gelnejem oňa näme jogap berjegini bilmän ahyry «Onda saňa Oguldursungözel diýäýmeli bor-da» diýdi. Biz muňa hezil edip gülüşdik, oňa «Oguldursungözel» diýişdik. Gözelligiň nämediginem bilmeýän 6-7 ýaşly jigimiň muňa begenip ýyljyraklaýşy häzirem göz öňümde. Ýene-de agalarymyň biriniň garaýagyz gyzjagazy bardy (Hudaýa şükür ol häzirem bar.) Gurbannazar oňa «Sen gara kündükdenem akmy?» diýerdi. Olam «Hawa» diýip hezil ederdi hem ylgardy ejesiniň ýanyna özüniň gara kündükdenem akdygyny buşlamaga. O wagtlar özümiňem oglanlykdan ýaňy saýlanan ýyllarym, özümem aýna ogryn serdip, aýnadan görmegeý oglany göresim gelýärdi...

-------------------------------

## Dünýaniň diregi

Dünýäň diregi ýagşylykdyr öýdýärdim. Adamlary biri-birine baglaýanyň, gatnaşdyrýanyň, uly bir jemgyýeti döredýäniň ýagşylykdygyna ynanýardym. Ynsanda şu täsin duýgy – birek-birege ýagşylyk etmek, kömek goluny uzatmak, büdräni galdyrmak, aglaýanyň başyny sypamak, ýylgyrýanyň ýüzüne ýylgyryp bakmak bolmasady adamzat dünýäsi pytrap gider diýýärdim. Bir günem…

Gowsy bu pikirimiň üýtgemegine sebäp bolan wakany, belki-de wakalary gürrüň bermäýin. Şeýle-de özümi tamakinçilik zynjyryna bagly ýaly duýýaryn.

Emma käte birinden jany ýanan biriniň «Men saňa şunça ýagşylyk etdim. Bu-da taňryýalkasynyňmy?» diýenine duş gelensiňiz. Ýa-da dostuň saňa bir ýagşylyk eder. Sen ondan müň kerem razy bolarsyň. Soňam ol seň ýanyňa gelmesini seýrekleder. Geläýse-de birhili ulumsylygyň ysy gelýän ýaly bolar. Ýuwaş-ýuwaş düşünersiň – muny oňa etdirýän özünden hoşallyk duýgusy. Ol dostuna ýagşylyk etdi ahyryn. Onuň öz eden ýagşylygyndan lezzet almaga haky bar. Saňa biraz ýokardan seretse-de, gelişmän durmaz. Şonda onuň eden ýagşylygy bogazyňa tegek bolar – sen ony ne ýuwudyp bilersiň, ne-de yzyna gaýtaryp. Şeýder-de dostuňdan araň açylyberer. Ara daşlaşdygyça az görüşersiň, az görüşdigiňçe-de az ýatlarsyň. «Häk, şol ýagşylygy etmedik bolsa bolmaýarmy?» diýersiň. Dünýäň diregi bolup duran ýagşylyk, seni dostuňdan jyda eden ýaly bolar durberer.

Käte ýaranjaňrak adamlara-da duş gelýänsiňiz. Göwnüme bolmasa, munuňam sebäpkäri ýagşylyk tamasy. Ol senden ýagşylyga hantama.

Käbir akyldar adamlaryň hiç kimden hiç haçan sowgat almandygyny ilki gezek eşdenimde haýran galypdym. Kän wagtlap sebäbine düşünmänem gezipdim. Häzirem doly düşünýändirin öýdemok. Özi sowgat berýär, emma sowgat almaýar. Alaýsa-da ugruny tapyp, onuň bahasyny töleýär. Göz öňüňize getiriň – adamlar birek-birekden sowgat almasalar, sowgat bermeseler nähili bolar? Hatda Pygamberimiziň salgyt ýygnaýanlara sowgat almagy gadagan eden ýerem bolupdyr. Onuň sebäbinem salgyt ýygnaýan bolmasadyň, sowgat berilmezdi diýen manyda düşündiripdir.

Käte biriniň ýanyna bir işi bitirmegini haýyş etmek üçin barýansyň. Içiňden müň pikir gelip geçer, «bitirermikä?», «bitirmezmikä?» diýersiň. Ýok ol kanuny bozup ýa-da jenaýat edip, ýumuşyňňy bitirmeli däldir. Ýöne nähilem bolsa, seniň ýumuşňy bitirmek üçin, biraz kynçylygy ýeňmelidir. Içiňden edýän pikirleriň üçin özüňi utandyrarsyň. Ol adam «Bolýar» diýip boýun alar welin, sen hasam özüňi müýnli duýarsyň. Soň ýene beýniň bir jümmüşinden «Bolýar-a  diýdi welin, aldaýan bolmasa ýagşydyr, sözüniň yzynda durarmyka?» diýen pikir geler. Sen ýene şol dünýäň diregi hasaplan ýagşylyk etmek duýgusyny günäkärläsiň geler. Emma hakyna seretseň, bu pikirleri eden sen, ýagşylyk diňe seni synagdan geçirýär. Bir tarapdan seretseň, ýagşylyklarymyz biziň hakyky ýüzümizi, keşbimizi görkezýän aýna mysaly. Otursaň, pikirlenseň, «Eden ýagşylygyňy eden badyňa unut» diýilýändirem welin, şonda-da olara biraz çuňrak nazar bilen seretseň özüň, asyl durkuň görnäýjek ýaly. Bu pikirimi dostum bilen paýlaşdym welin, ol ýylgyrdy-da «Sen näme ýagşylyk edýärmiň?» diýdi. Men ýüzüme urulan ýaly boldum. «Hawa» diýmäge-de dilim barmady. Dogrusy, ýer ýarylmady, men girmedim. Ol: «Ýagşylyk edýän, ýagşylygy Ýaradan, biz adamlar diňe sebäpkär dälmi näme?» diýdi. «Biz Onuň edýän ýagşylyklarynyň ýekejesini edip bilsegem, begenjimize ýüregimiz gursagymyza sygman ýarylar. Oňa sebäpkär bolanymyzda käte guş bolup uçaýjak bolýas.»

Hakykatdanam ýagşylyk Ýaradanyň işi, ynsan diňe sebäpkär. Onsoň sebäpkärden ýagşylyga garaşmak Hakyň öňünde seni günäkär edýär. Gurbannazar Ezizow muny juda düşnükli düşündirýär, ol: «Ýagşylyk goňşyokara däldir» diýýär. Sen ýagşylyk ediber, ýene şahyryň dili bilen aýtsam «Rowaýaty saçak kimin açyl.» Höwesiň ýagşylyga sebäpkär bolmakda bolsun.

Ýüregim giňäp gitdi. Dostumam meň ýaly kofäni gowy görensoň, gürrüňimiz alyşyp gitdi. Ol şonda maňa ýene bir gowy pikir aýtdy. Sözme-söz ýadyma düşünek welin, manysy şeýleräk: Meň göwnüme ýagşylkdan ýokarda ygtybarlylyk bar. Ýagşylyk etmek aňsat, ýagdaýyň gowy bolsa, ujundan karz diläp gelene bermek kynam däl. Emma birine berdiň, yzyndan ýene biri karz sorap geldi, sende oňa berere-de ýagdaý bardyr welin, ýöne indi beresiň gelmän biler. «Karz

ber-de, yzyndan dilegçi bol-da ýör» diýip pikir etmegiň mümkin. Ygtybarlylyk welin, beýle däldir. Kä adamyň ýanyna barmaňkaň, elinden gelse, ýumuşyňy bitirjekdigine ynanarsyň. Olam seni ýalançy etmez – bitirer. Men-ä dost, ygtybarlylygy ýagşylykdan gowy görýän. Onsoňam Alla-da az bolsun, emma yzygiderli, dowamly edilýän amaly gowy görermiş. Bu-da ygtybarlylygyň alamaty dälmi?

Bir alym hakynda şeýleräk rowaýat aýdýarlar: Ol ilki ylym öwrenjek bolanda kyn görüpdir. «Bu meniň başarjak işim däl» diýipdir. Şeýdibem gaýdyp gelýärkä, ýolda gaýadan damýan damja gözi düşýär. Gelip seretse, damja daşy deşipdir. Ol elini damjaň aşagyna tutanda, damja eline ýüpekden ýumşak degýär. Şonda ol «Şu damjanyň daşy deşmäge güýji ýetýän bolsa…» diýipdir-de, yzyna dolanypdyr. Şeýdibem gaýtadan ylym öwrenmäge başlapdyr. Az-azdan artýan ylymy ony dünýä meşhur, il-güne haýyrly uly alym edipdir. Ygtybarlylykdan habar berýän yzygiderliligiň şeýle güýji bar.

«Çyn dost» diýilýändir, bu diýildigi «Ygtybarly dost» diýildigi dälmi eýsem? Ygtybarlylyk adamyň tebigatyna siňip, häsiýetiniň aýrylmaz bölegine öwrülende onda söýgem, mertligem, lebizliligem, gaýratlylygam, tutanýerliligem, bir gepliligem, dogruçyllygam… başga-da birnäçe gyzyldan gymmatly taraplar jemlenýäne meňzeýär. Ýagşylyga sebäpkär bolup, onuň gaýtargysyna «goňşyokara» garaşan ýaly garaşýan adamda welin, beýle häsiýetler tapdyrmaz. «Arkasynda odun goýup bolmaz» diýilýän adamyň ýagşygyna ynanmagam şol dereje kyn. Käte adam özüne gowy diýdirjek bolubam ýagşylyk edip bilýär.

Belki, biziň ejemizi aýratyn gowy görýändigimiziň sebäbi ondan bize hiç haçan ýamanlygyň gelmejekdigine ynamymyzdandyr. Ejeden ygtybarly adam barmy dünýede? Ol ber diýseň, saňa janyny ýaýdanman berer, emma berdim diýmez. Şonuň üçindir mümkin, jennetiň enelerimiziň dabanynyň aşagynda diýilýäni? Bu-da ygtybarlylygyň güýji dälmi näme? Ygtybarly adamlar azalyberse, dünýäniň diregniň gowşadygy bolmazmy? Alla muny görkezmesin.

-----------------------------------

## Nirä?

Ekzýuperi «Çagalygymyň dünýesinden gelýän» diýýär. Çagalygyň dünýäsinden ulylygyň dünýäsine. Ynsan «Ömür» diýilýän ýoluň bir duralgasyndan başga duralga, bir dünýesinden başga bir dünýä – ýetginjeklige gelýär.

Mekdep tamamlandy, indi nirä? Okuwamy? Gullugamy? Bu sowalyň saňa berlen güni çagalygyň bilen hoşlaşanyňy syzarsyň. Edil düýnem beýle sowal

akylyňa-da gelip bilmejek ýalydy. Bu gün welin, näme jogap berjegiňi bilmän dursuň. Onuň garaşman durkaň, duýdansyz gelendigini, näme jogap berjegiňi bilmän durşuňam aýdyp dur. Ýogsa, ol sen dünýä inen günüňden, akja arlyga dolap, diňe seň üçin azan aýdylan günüňden bäri saňa tarap gelýär ahyryn.

«Ejem näme diýerkä?», «Kakam näme maslahat bererkä?» diýen pikir ilki kelläňe geler. «Okuwa girjek bolsaň, haýsy käri saýlamaly?» «Kim bolasyň gelýär?» Sowal yzyna-sowal. Olaň birini özüňden uly agaň berse, beýlekisini ýaňam sowal ýadyna düşmän, seň bilen bileje top depişip ýören dostlaryň berer. Senem olary gaýtalarsyň, baryny jemläbem ýene öz-özüňden sorarsyň: «Nirä?» Bu sowalyň öňüňden çykan ilkinji sowaldygy üçin bolmagam mümkin – ol saňa gaty möhüm görüner. Hamala şoňa dürs jogap berip bilseň, galan zatlaryň hemmesi dogry bolup gidäýjek mysaly görüner. Mümkin bu hakykatdanam şeýledir. Emma sen bialaç: «Bilmedim» diýersiň, egniňi ýygyrarsyň. Aklyňa dürli kärler, telim hünär gelip geçer. Ataňam içiňi ýakaýyn diýen ýaly, birini saýlap bilmän durkaň «Ýigide müň hünärem azdyr» diýer. Käte näbellilikler şeýlebir ýaş başyňa agram salar welin, edil mekdepde düşünmedik sapagyň deňinden geçip gidiberişiň ýaly, onam äsgermezçilik edesiň geler. «Aý, görübereris» diýersiň. Hawa, bu-da bir ýol. Onda-da anyk ýol. Görjegiň belli. Gurbannazar Ezizde barmy «Aýaklaryň ätjek ädimin äder, / Göreçleriň görer görjek zadyny.» Emma geljegiňi aýaklaryňa ynanaýasyň gelmez. Onda kelle diýip göterýäniňi kädä deňeseňem gelşer durberer. Näme üçindir bu sowal düşünmedik sapagyň ýaly ýadyňdan çykyp gidenok. «Ýalňyşsam mugallymym ýa-da synpdaş ýoldaşlarymyň biri düzeder» diýjek gümanyňam ýok. Ýeser ýerem bu sowalyň jogabyny diňe sen bermeli. Ýalňyşaýsaň…

Bu sowalda ýalňyşýanlaram bardyr-a. Bardyr, ýöne oalryň biri bolasyň gelermi? Ýeke ýalňyş sebäpli bütin ömrüňe ökünip ýörmelem bolmagyň mümkin. «Durmuş garalama däl, ony täzeden ýazyp bolmaýar» diýen akylam depderçeleriň birine ýazypdyň.

Ýalňyş ýol çarkandaklydyr, ýöne dürs ýoluňam kynçylygynyň, öwrüminiň ýetikdigini entek sen nireden biljek?! Emma bu ýagdaý olaryň ikisinem şol bir zat etmeýär. Ýalňyş – ýalňyş, dürsem – dürs bolýar. «Şu gün ýalňyş diýeniň, ertir dürs bolubam duruberýär» diýenlerem bolar. Aslynda, soň ýalňyş bolup çykýan dürs, öňem ýalňyşdyr, emma ol ýalňyşa wagtynda akyl ýetirmedik bolsak – bu başga gep dälmi näme?

Bu nähili ýaş bolýar – howlugylyp ýetilen 17 ýaş, bu nähili sowal bolýar – jogapsyz sowal? Ýekeje teselliň bardyr, o-da on ýedi ýaşyň uzak dowam etmejegi, ýekeje ýyldygy. Onsoň-a bu başyma agram salyp horlaýan «Nirä?» diýen sowaldan dynaryn öýdersiň. Emma ýene-de seniň hyýal edişiň ýaly bolmaz.

Ýyllar geçip dur, gapydaky garry tut, gör, näçe gezek tudanalap, näçe miweländir. On ýedi ýaş, «Oglan howlugar, tudana wagtynda bişer» diýilýän ýaşam alyslarda galdy. Emma şol sowal senden aýrylyp gitmeýän eken. Isle ýigrimi, isle ýigrimi bäş, isle kyrk ýaşa, isle altmyş bu sowal hemişe seň beýniň bir ýerinde. Çünki sen ýurduňa, milletiňe näçe ýaşyňda bolsaňam gerek. Watanyň seni hiç wagt hasabyndan aýyrmaýar. Ol saňa «Bu-la puç!» diýmeýär, eger özüň-özüňi puçlamasaň. Özüni puçlajak adamam okuwa girse-de puçlar, gulluga gitse-de, maňlaýy gasyn atyp, saçy agarsa-da. «Nirä?» diýen sowala ikilik edäýseň, ondan ýüzüňi öwüräýdigiň ýa-da gelýänje gapysyny gulplaýsaň, sen altmyşdan geçen garry bol – puçsuň.

Nämesinden bilmersiň, «Nirä?» diýen sowal islendik ýaşda bolsaňam, hemişe ýüregiň jümmüşinde birhili gizlin gorkyny oýarýar. Daşyňy gurşaýan näbellilikler onuň haýbatyny hasam artdyrýar. Ýöne gorky kän halanmasa-da, käbir zatlara batyrlyk etmegem akyllylyk däl ýaly. Ýönekeýje mysal, gözsüz batyrlyk edip näbelet zadyňa ýapyşyberenden, biraz seresaplylyk etmek dogry dälmi? Eger «seresaplylyk», «eserdeňlik», «hatyrjemlik», «ätiýaçlylyk» ýaly duýgulary sende döredýän bolsa, gorky duýgusam edil halanylman döwşünden itiljek duýgy däle meňzeýär.

Garynjadan «Nirä?» diýip sorasalar: «Käbä» diýip jogap beripdir. Şonda «Garynja ädimleriň bilen Käbä ýetermiň? Käbe nirde, sen nirde?» diýip ol görgüliň üstünden gülüpdirler. Garynja-da: «Bilýän Käbä ýetip bilmejegimi, ýöne, dagy bolmanda ýolunda ölerin» diýipdir. Diýipdirem, şobada-da Pygamberimiziň aýak basan topraklaryna olam aýak basmak bagtyna gowşupdyr. Bu sowalyň jogabynyň şeýle uly güýjüniň bolaýýan ýerem bolýar eken.

Haram keýpe, neşekeşlige ýüz uran, ýoluny urduran adamdanam «Nirä?» diýip soranyňy duýman galan ýeriň bolýar. Onuň jogaby garynjanyňky ýaly pespäl bolmaýar. Ol derrew gaharlanar. Onuň özüne gahary gelýärmi ýa-da bu gutulgusyz soraga jany ýanýarmy düşünmersiň. Ol diňe bir ugruny däl, umydynam ýitirendir. Onuň gaşlary çytyk, ýüregi howsalaly. Ol saman tapsa ýapyşjak, delil tapsa bukuljak bolar. Emma «Nirä?», «Nirä barýaň?» «Ugruň nirä?» diýen sowal, sagyndan geler, çepinden geler, giýje düýşüňe girer welin – sypdyrmaz. Ol bolsa, gaçjak bolar, ýalan sözlär, öz özüni aldar, bahana gözlär. Ýogsa ondan gaçmagam, edil ölümden gaçyp gutuljak bolmak ýaly akylsyzlyk dälmi? Ondan gowsy dursaň, otursaň, onuň bilen çaýlaşsaň, düşünişjek bolsaň näder?! Belki, onuň ýamanlygam ýokdur? Belki, onda hakyky dostuň häsiýetleri bardyr? Belki, ol seň elmydam göwnüň küýseýän çyn dostuňdyr? Seň dünýe lezzetleri, gara nebsiň bilen başagaý bolup, bilmeýän, görmeýän zatlaryňy bilýän, görýän bolmagam mümkin. Kim bilýär, pikiriň durlanar, gözüň ýiteler, maksadyň aýdyňlaşar. Manysyzdyr öýdüp ýören zatlaryň ýekeje soraga jogap berjek bolup, aklyňa agram salmagyň, ýüregiňe ünji edinmegiň bilen many gazanar. Akylsyz baýlyk gözlär, akylly many. Şeýle

dälmi, eýsem? Bir zadyň manysyna düşünmekden uly baýlyk barmy? Aleksandr Makedonskä «Näme dilegiň bolsa dile» diýende «Üstüme kölege berme» diýip bilen akyldar many diýlen zada eýe bolany üçin şeýle jogap bermeýärmi näme? Manyda şeýle uly güýç, hakyky batyrlyk bar. «Nirä?» diýlen sowalam seni şol mana eltmeýärmi näme?

Gyzaryp dogan Güne «Nirä?» diýilmeýär. Sebäbi ol bilýär nirä barýanyny – ol adamzat mekany, Ýer togalagyna ýagtylyk saçmaga barýar. Sen oňa ýaşdy diýersiň, o welin, Ýeriň ol ujundan dogup gelýändir. «Nirä?» diýen sowala jogap berip bilýänler, göwnüme näme üçindir şol parlak Güne meňzeýär. Olar hatda dünýeden ötselerem nur saçyp duran ýaly…

------------------------------------

## Reňkler hakda

Reňkler hakynda bir ýazgyny okanymdan soň, birhili olar aklymdan gitmedi. Ýöne mende reňk adaty reňk däl-de abstrakt many aldy. Mysal üçin:

Ýalanyň reňki – ak gara ýaly, gara ak ýaly, ýaşyl sarymyka diýdirýär, sary ýene başga bir reňke çalymdaş. Bu duýgy ýalany eşdeňde, belki ýalan sözläňde-de bolýandyr.

Söýgüň reňki – hiç gandyrmaýar. Akdanam doýup bileňok, mawudanam, gyrmyzydanam, sarydanam, ýaşyldanam… ýene müň dürli reňk bar bolsa hemmesini özüňe siňdiresiň gelýär. Garyň reňki akdanam aňyrdaky bir ak, gülüň reňki hasam üýtgeşik. Olary içiňe sorasyň gelýär. Olar saňa siňýärem, ýöne doýup, ganyp bolanok.

Gorkyň reňki – ýok. Ähli zat reňkini ýitirýär. Agaranagam, garalanagam. Asla reňk görnenok.

Ýaranjaňlygyň, günäň reňki – tüýküligiň reňkine meňzeýär, ýüregiňi bulaýar. Başga-da ýürek bulaýjy reňkler göz öňüňe gelýär.

Gynanjyň, gussaň reňki – reňkler ümüre bürenýär, sen olaryň halyna gynanýaň, olar seň halyňa.

Aýralygyň reňki – ajy burçuň, gaty ajy burçuň tagamy ýaly, ýakyp barýar.

Wepaň, dostlugyň reňki – goýy. Ýaşyl ýaşyldanam goýy, gyzyl gyzyldanam agyr, berk, ygtybarly. Hatda Ýeriň reňkem berk, ädimleriň reňkem…

Ölümiň reňki – ähli reňkleri özünde jemleýän ýaly, başdan aýaga – ähli̇si. Oňa gara-da diýip bolanok, agam. Onda ähli reňk bar. Özüne tabyn edýär. Erkiňi oňa tabşyranyňy duýman galýaň. Hökmirowan, hökümdar reňk.

Allaň reňki (şeýle diýmek dogry bolsa), dogrusy imanyň reňki – Ýokaryk, asmana göterýär. Mesjitdiň gümmezine çenli, ondan asman gümmezine çenli ýokaryk, ondan Arşa… ol reňkler senem özleri bilen alyp ýokaryk göterlip barýarlar.

Belki, bulary entegem dowam etdirip bolar. Bu bir hili reňkleri görmek däl-de, duýmakmy, syzmakmy… Alla ynsana şeýle täsin duýgulary beripdir. Şolardan mahrum däldigimize şükür edeliň. Mahrum ýaly duýýan bolsak, pikir edeliň.

-----------------------------------------

## Özümden uly penjegim

Reý Bredberide şeýle setirler bar:

- Men öz arzuwyma çenli ösüp bilmedik adam.

- O näme diýdigiň bolýar?

- Bu diýdigim, Dug, entek ýaş oglankam özüme eşigi göwrämden uly tikerdim. Ahyrynda-da asylgy duran iň gowy penjegime çenli ösüp bilmedim. Bolasym gelen adam bolmagy başarmadym.

Bu setirleri okap, başymy tutup oturşyma içimden: „Haý, gardaş! Penjegi iliň biçişi ýalyrak biçäýseň bolmadymy?“ diýdim, emma şonda-da ýüregim ýerine gelmedi. Käwagt barmaklaň birine ýara çykar, senem ony ýarasy gutulýança ynjytmajak bolup gorarsyň, emma edil bilgeşleýin edilýän ýaly ýa özüň ony bir zada degrersiň, ýa-da biri gelip deger. „Wah, ýaramyň üstüne basaýdyň“ diýlenem söz bardyr. Menem häzir şeýle halda. „Näme üçin arzuwlaryyma ýetip bilmedimkäm?“ diýip, öz-özümi iýip ýörenim az ýaly, gözüme şu setirler ilýär.

Ýara ezizlemek, goramak bilen gutulmaýar, oňa gijem bolsa melhem gözleýän. Eýsem, näme üçin arzuwlaryma ýetip bilmedimkäm? Sapalak atman bu sowala jogap bermek kyn. Onuň iň dogry, ýeke-täk jogaby „Özüňde derek ýokdur.“ Bu jogap köplere melhem. Gör, näçämiz özümize bu dogry jogaby berip, şol arzuwymyzdan jyda düşýäris, has anygy ony öldürýäris – ýasynam tutamyzok. Belki, Bredberi onuň ýasyny tutany üçin ýokarky setirleri ýazandyr?!

„Beýle agyr sözleri diline alyp, kösenýär welin, onuň arzuwy nämedikä?“ diýýänsiňiz. Adam bilesigeliji mahluk-da. Bilesigelijiligiňizi kanagatlandyraýyn. 13-14 ýaşlarymdakam öýümizde biri bilen tanyşdym, oňa aşyk boldum, ulalsam şol bolasym geldi. Ol agalarymyň biriniň jan ýaly dostudy, mendenem 10-12 ýaş uly. Emma başarmadym.

Bilýän, siziň lapyňyzy keç etdim. Siz şeýle üýtgeşik arzuwa garaşansyňyz. Dagy bolmanda uçarman bolmagy arzuw eden bolsam. Ýok hiç wagt uçarman bolmagy arzuw etmedim, özümiň hiç bir araçysyz, uçarsyz uçasym geldi.

„Ýeri bolýar, näme üçin? Näme sebäpden uçup bilmediň?“ diýip sorajagyňyz görnüp dur. Okuwymy tamamlap, diplomymy elime alyp, ýaňy işe başlan ýyllarymdy. Edarada ýeke özümdim. Telefon jyňňyrdady.

- Men pylany. (Ol işleýän edaramyň ministridi)

- Salowmaleýkim.

- Saglykmy?

- Hudaýa şükür.

-Ýöne şükür diýeňde bolanokmy?

-Bolar, pylan aga...

Hawa, şeýleräk gürrüň boldy. Şol günden başlap, özümdäki arzuwymyň aýaklaryny güýlüp, ganatlaryny gyrkyp başlanymy häzir bilýän. O ýaşymda bolsa arzuw diýlen zady, janpenalaryň goraýşy ýaly, hatyrjem goramalydygyny näbileýin?!

Aslynda welin, adam arzuwyna ýetmek üçin ony goramaly eken. Ony goraýan hem mertebe duýgusy eken. Mertebäňi saklap bilmeseň, ýa-da oňa kembaha seredip, äsgermezçilik etseň, arzuw etjegem bolup ýörmeli däl eken. Emma boýnyýogynlyk, tekepbirlik diýlenem bir zatlar bar. Bular hem mertebe ýaly görünýär. Mertebäňi boýnyýogyn bolmasaň, tekepbir bolmasaň, gorap bolmajak ýaly. Tekepbir bolsaňam halanaňok, mertebesini gorajak bolýanam beýle söýlüp baranok. Belki, şondandyr, bularyň arasyndaky serhedi tapmak kyn. Ýasama ýylgyrdym, hatda gülenem boldum, tekepbir diýdirmejek bolup, „bolar“ diýdim boýnyýogyn görünmejek bolup, şol wagt bolsa mertebämi depeleýänimi duýmandyryn.

Ýene-ýekeje sowal: „Mertebäňi saklajak bolsaň näme etmeli? Kiçi göwün, pespäl bolmalymy? Özüňe laýyk penjek biçmelimi?“

Elliden aşan ýaşym jogap berýär: „Ýok. Mertebäňi saklamak üçin tekepbir bolmaly däl – utanmaly. Sende bokurdagyň ölçeginden has uly, ýuwdup bolmaýan utanç duýgusy bolmaly. Sen indi giç diýme, utanmak hiç haçan giç däldir.“

-------------------------------------------

## Köpegiň şerti

Gepi uzaltman gysgaldyp aýdaýaýyn. Garaz, bir arryk köpek halatly piriň ýanyna arza gelipdir.

– Pirim, meni pylan molla nähak ýere urdy. Şondan hakymy alyp ber, ýogsa-da özüm haklaşaryn – diýýämiş. Pirem derrew iti ynjydan mollany çagyrdyp getirdipdir. Molla bolaňda näme, adam pahyr derrew özüni aklar-da:

– Mende günä ýok pirim. Ol deňimden geçip barýarka üstüme palçyk syçratdy, şonuň üçin urdum.

Pir özünde müýn duýmaýan molla näme diýjegini bilmändir. Belki, diýjegini bilse-de molla düşüner öýden däldir-dä, sesini çykarman ony ugradypdyr. Onsoň ýene köpek geler-dä öňüne. Pir çuň pikire gidipdir-de ahyry köpege:

– Sen molladan razy bolmagyň üçin näme islegiň bolsa aýt bereýin. Et diýseň et bereýin, süýt diýseň süýt. Ýöne molla bilen deň bolma, oň günäsini geç, ahyrete goýma – diýip ýalbarypdyr. Köpek näme jogap berendir öýdýäňiz? Ol pire şeý diýipdir:

– Pirim, bolýar. Size ýok diýip bilmen. Oň günäsini geçeýin, ýöne ýeke şertim bar. Goý, ol molla eşigini, molla sypatyny üýtgetsin. Oňa molla adamdyr garynjanam ynjydýan däldir, meni-hä asylam ynjytmaz diýip aldandym. Eger onda molla eşigi bolmadyk bolsady, deňinden sowulybyrak geçerdim, özümi urdurmazdym.

Bu täsin rowaýaty birinji gezek eşdenimde-de erbet bolupdym, indi ony gaýtadan ýazýan welin ýene şol agyr duýgy gerşimden basýar. Emma ony maňa ýatladan, ýazmaga mejbur eden bir waka boldy.

Aslynda, waka bolup waka-da däl, bir ýat oba myhman boldum. Nahar iýildi. Oturanlar men deň-duşuragam bolsa maňa daş ýerden gelen myhman hökmünde töwür galdyrtdylar. Töwürden soňam başladylar mollalaryň üstünden düşmäge. Olaryň käbiriniň nebisjeňligi, ýene biriniň bisowatlygy, başgasynyň nohutly kişmişiň, ýagly palawyň, düwünçegiň aşygydygy hakynda kä ýaňsa aldylar, kä janygdylar. Men welin ýüzümi ýerden galdyryp bilmän otyryn – oklanan kesek özüme degip duran ýaly. Ýogsa men mollada däl, müjewirem. “Ah-ow! Şu sanaýan häsiýetleriňiz alymlaryň arasynda-da, garamaýagyň, daýhanyň, söwdegäriň, ketdeleriň… içinde-de duş gelýär. Näme ala-böle mollalaryň üstünden düşýäňiz. Molla-da hemmämiz ýaly adam” diýip bilemok. Halk mollasyny özünden artykmaç saýýan bolsa – bu beýle däl diýip bilermiň?! Molla bolup iliň öňüne düşýänlere-de köpegiň şertini goýup bolanok.

“Sylag-hormat agyr ýükdür, seň boýnuňa uly jogapkärçilik goýýandyr” diýsegem muny gönüden-göni duýmak başga eken. Ýoldaşlarymyň biri näçe gündir namaza başlasam diýýär-de ýaýdanyp ýör. Ol öwrenen endikleriniň käbirini goýup bilmerin ýa-da ir turmany kyn görýändir öýderdim. Şonuň üçinem ony batyrgaýlyga itekleýärdim. Bu gün welin… “Nätdiň, başladyňmy?” diýibem

bilemok. Olam edil meniň halymy bilen ýaly namaza başlapdyr. Kabul bolsun. Geçinem öz aýagyndan asýandyrlar, goýunam. Bu şeýle. Şonda-da… göz öňümde piriň öňünde şert goýýan kopek:

-Pirim, bolýar. Size ýok diýip bilmen. Oň günäsini geçeýin, ýöne ýeke şertim bar. Goý, ol molla eşigini, molla sypatyny üýtgetsin. Oňa molla adamdyr garynjanam ynjydýan däldir, meni-hä asylam ynjytmaz diýip aldandym. Eger onda molla eşigi bolmadyk bolsady, deňinden sowulybyrak geçerdim, özümi urdurmazdym…

Kyýamat ahyr güni Alla diňe ynsandan sorag edermiş. Şonda “Haýwan bolup ýaradylan bolsam bolmaýarmy” diýip nalamaly etmesin-dä…

-----------------------------------------------

## Öwgi, şöhrat hem biz

„Ýene-de öwgümi? Öwgüden ýadadyk“ diýme, dost. Hiç kimi öwmek maksadym ýok, diňe öwgi hakynda oýlanasym, onuň manysyna düşünesim geldi-de...

Hawa, menem owal «Öwgüdir-dä onuň nämesine düşünjek?» diýip pikir edýärdim. Ýöne soňky wagtlar öwgi, şöhrat, şöhratparazlyk meni köp pikire batyrýar, eýgilige bolsun-da hernä. Biziň hemmämiz (bolmanda meniň tanaýanlarym) öwgüni halamyzok, şöhratparazlygy ýigrenýäris. Dostum, şeýle gerek? Emma... bizde bir gylyk bar: - biriniň ýazan zadyny okamazdan öňürrti ony ýazanyň kimdigine seredýäris. Şeýdäýmeseň boljagam däl, dünýe-de ýazyjy-şahyr kän, kitab-a ondanam köp. Öňüňden çykany okap bolanok. Ýitiren wagtyňam jähennem, kä wagt şeýle bir «eserleri» okaýaň welin, dost, ýazyjy, şahyr diýlen millete garaýşyň üýtgäberýä. Gowy eser okanyňda-da ýazan adama hormatyň bilen birlikde, umuman ýazyjylygyň, şahyrlygyň mertebesi göz öňüňde ýokary galýandyr-a. Ana, şoň ters ýüzi bolup geçýär. Onsoň isleseň-islemeseň ýazanyň kimdigine seretmeli bolýar. Tanalýan biriniň ýazan zady bolsa derrew, işdämen okap başlaýaň. Ýazyjy meşhur bolsa, eserine düşünse-düşünmese öwýänlere-de duşulýar. Bolmanda «halamadym» diýmän, «düşünmedim» diýýäň. Mysal üçin, biz „Pablo Pikasso ýa-da Salwador Dali ýaramaz suratkeş“ diýip bilmeris. Ýogsa, dost, olaryň eserleriniň näçerägine düşünýärkäk? Bularyň hemmesini etdirýänem ilki öwgi, öwginiň yzy bilenem gelýän şöhrat dälmi? Ýöne Pikasso şöhratyň hasabyna meşhur däl, elbetde. Diňe onuň şöhraty özüne düşünmeýänlerem baş egdirýär. Onda öwgi, şöhrat gowy zatmy? Göwnüme, kimdir biri: „Erbet zat bolsa oňa ýetjek bolup derde-azara galynyp, hatda kä kişi bihaýalykdanam çekinmän ýörmezdi“ diýýär. Bu elmydama meni akylly-başly oýlanyp, meseläň düýp maňzyna ýetmäge goýmaýan gaharym. Gel, gyzmalygy bir gyra goýaly, dost.

Bir döwürler, heniz ýigrimi bäşem ýaşamadyk ýyllarymyz, biz ýaňy hekaýa, goşgy ýazmaga başlan dost oglanlar bolup, her hepde oturyşyp, biri-birimiziň ýazan zatlarymyzy okaşardyk. Näme gözüň köküni gyryp, beýniň ýülügini döküp, uzak gijäňi ukusyz geçirip ýazan zadyňy başga biri kötekläp dursa ýaraýarmy? Öwüleniňi isleýäň, emma içiňi ýakaýyn diýen ýaly, ... içinden monjuk gözleýädik. Başga birini gowja ýepbekläp öz sowatlylygymyzy, ýiti zehinimizi, talantymyzy görkezmäge çalyşýardyk. Kimdigi anyk ýadyma düşenok, özüm tapanam bolsam, garaz, „Tankytdan peýda ýok, ol ruhybelenligiňi öçürýär, höwesiňi gaçyrýar, geliň biri-birimizi diňe öweliň" diýen karara geldik. Biz şo wagtlar bäş-alty dagy-ha bardyk, bu pikir hemmämize-de kem ýaramady. Sebäbi biziň joşup-joşup ýazasymyz gelýärdi. Öwgüden beter joşdurýan zat barmy?! Bir salym «öwh-ä öwe» başladyk. Öwere zadam tapýardyk, ýöne bir gezek, (ýene-de mendim öýdýän) bir hekaýa ýazdym. Aramyzda gödekden, gönüsini aýdýan birimizem bardy, o neresse ýaş ýogaldy, hekaýaň golýazmasyny öňe oklap goýberdi-de «Biderek, aýal gybaty ýaly» diýip goýberdi. Aramyzda bir dym-dyrslyk boldy. Birdenem barymyz pakyrda berdik. Şeýdibem «öwmeşek» gutardy. Gutarmalydam. Ýalanyňam ömri uzyndyr welin, çynyň ömrem ondan uzyn bolmasa gysga däldir. Olar ekizler ýaly biri-birine meňzeş bolmasalaram, mydama bile gezýäler. Emel edip olary aýrylyşdyrjak bolsaňam ýaňky biziň bolşumyz ýaly gülkünç ýagdaýa düşýäň. Birazajyk pikirim şaha ýarjak boldy, bagyşla, dost, esasy meselä – öwgi bilen şöhrata dolanyp geleli.

Ýadyma düşýär, bäş ýaşlarymdadym. Ejem, gelnejem, doganlarym dagymyz köplük bolup bir tabakdan palaw iýip otyrdyk. Şonda ejem goňşularymyzyň meň bilen deň-duş oglunyň adyny tutup: «Pylany palawy penjesini dolduryp iýýär. Meň oglum barmagynyň ujy bilen iýýär» diýdi-de maňa söýünç bilen seredip ýylgyrdy. Hiç ýadymdan çykanok, ýogsa ondan bäri elli ýyl geçeňkirläpdir, emma ejemiň meni öwmesi beýle-de dursun, şol pursat nahar iýen tabagymyzyň reňkine çenli ýadyma düşýär, Hytaýyň gülli mejmesidi. Öwgi şeýle zat. Onuň tagamyna, lezzetine taý geljek zat bir barmyka? Şondan soň, mydama, başarsam özümi keseden synlamaga çalyşdym. Egin-eşigim, nahar iýişim, dilime alýan sözlerim, garaz ähli hereketimi elekden geçirjek boldum.

Bir ýerden okapdym ýerine salyp, laýyklap öwüp bilseň, öwlen adamyň beýnisi iň azyndan üç sekuntlap doňýarmyş. Öwgiň ýylanyň jadysy ýaly zatdygynam, şöhratparazlygyň adamy gözli kör edýäninem köp görensiň, dostuum. Nähili beýle bolýar? Onda bu meseläň çözgüdi ýokmy? Meni oba alyp barýan ulagyň magnitofonyndan eşdilýän aýdym hasam pikirimi jemlemäge päsgel berýär:

«Toý, toý, toý,

Sen gamlanma, goý,

Gülüp-oýnalyň

Oý, oý, oý.»

Aýdymyň bu sözleri beýnimi iýip barýar. Şol aýdymyňy öçüräýem diýip bolanok, ulagyň içinde menden başga-da 10-12 adam bar. Belki, olaryň hiç birem bu ýüwel heňi höwes bilen diňleýän däldir, şonda-da maňa galyply sokjaran bolmak. Ýarpy ýolda-da düşüp galýan.

Dost, nähili pikir edýäň, belki öwgini, şöhraty özüň ýörite gözlemeseň bolýandyram. Iliň özi seni öwse, mysal üçin Mylly Täçmyrat, Alty Garly ýaly bolsaň, öwülseň zyýanam ýokdur, belki? Senden soranam bolýan welin, birhili böwrümi diňleýän. Sebäbi özüň suw meýilli bolsaň, oňaryp öwjek ýaranjaň, tamakin tapylar. Senem oňa ynansaň...

Alla janlarym, men-ä kelebimiň ujuny ýitirdim. Dostum, senden syrymy gizlemäýin, eger öwgüni, şöhraty hakykatdanam halamaýan, ýigrenýän bolsam munça gep otaryp oturmazdym. „Bu häsiýet diňe sende däl, köp kişide, gaty köp kişide bar“ diýip, öz-özümi köşeşdirjegem bolýan, käwagt köşeşýänem, ýöne ýene goltugymda ýylan göterip ýören ýaly howsala düşýän. Görşüň ýaly, çykalga-da tapamok. Aglaýyn, güleýin, ýigreneýin, söýeýin – göwnüm rahatlananok.

Ulagdan düşdüm, aýdymam gitdi, toýam. Indi pyýadalap bäş-on minut ýöresem öýe ýetýän, öýe ýetsem, inşalla ünsüm sowlar, belki suw grandymyz döwlendir ýa-da et gutarandyr...

Öýe golaýladymam welin, azan sesi eşdildi. Ikindi namazyna ýetişdim. Dostum, indi yzyny uzaltmaýyn, ýöne Kur'anyň birinji suresinde, bismilladan soň ilkinji setir „Elhamdülillähi Rebbil älemin“ ýagny älemleriň Rebbine hamd bolsun. Arapçada „hamd“ sözi öwgi, şükür, şöhrat ýaly manylary berýär. Men „Hawa, dogry, diňe Allah öwgä mynasyp, ýöne senem Allahyň öwgüsine mynasyp bolaýsaň...“ diýip pikir edenimi duýman galdym. Şobada-da „öwgi“, „şöhrat“ diýilen zatlar başga mana, has gymmatly zada öwrüldi. Men beýle ýönekeý çözgüde garaşmaýardym, emma dostum, bu beýle ýönekeýem däl ýaly-la. Allahyň öwgüsini gazanjak bolup ýaşamak islegiň bolýa, ýöne hany adamlaň öwgüsini inkär edip ýaşajak, işlejek bolup gör, dost. Ýeňil-ä düşmez, üstünlik arzuw edýän, özüme-de, saňa-da, dostum, eziz okyjym.

----------------------------------------------

## Guş (gysgajyk hekaýa)

Oňa ne jyn urdy, bir gün şäherde ber-başagaý bolup ýörşüne balyjaklar, guşjagazlar satylýan dükana girdi. Nädip gireninem bilmedi. Guşjagazlaryň jürküldisine diň salmanyna-da esli ýyl bolupdyr - şol oglanjykka obaň gaýrasyna gidip goýun bakýan ýyllaryndan bäri näçe ýyl geçdi. Durup bilmedi, biriniň

bahasyny sorady. Baha bahanady, jogaby eşder-eşitmez jübsünden pul çykardy. Çagalar-a hezil eder, ejelerem bir çytylar goýar-da. Diýişi ýaly, çagalary guşjagazy görüp guş bolup uçdular. Şäher ýerinde olaryň goýun bakmajagy, guşuň saýraýşyny goýnuň otlap ýörkä diňlemejekleri belli. Ejelerem tamany ödedi. Şol bada "Nämetjekdiň, pul berip? Hapasyny ýygnamagam maňa dertdir-dä" diýdi. Onuň diline gelenem şu jogap boldy: "Ikimiz gygyrşamyzda, guşa gözümiz düşüp utanar ýaly diýip aldym…"

-------------------------

## Döküber gelin...

Rowaýata meňzeş bolansoň anyk aýtmaly bolýan – bu bolan waka. Waka diýsem geňirägem eşdilýär. Gepiň gysgasy, köçäň bir tarapynda iki sany ýaş gelin, garşysynda-da bili bükülen garryja ene ýaşaýar. Başga-da ýaşaýanlar bar welin, olar bolan ýagdaýa degişli bolmansoň, sanap oturmagyň manysy ýok. Ondan gowsy hapa dökülýn bedreler, gaplar hakda aýdaýyn. Hawa, garry ene howlyň hapasyny bir gaba salyp köçäň gyrasyna çykaryp goýýar, gelinlerem. Ýöne olar hapalaryny bi wagt çak çykaryp, garry enäň gabynyň üstüne döküp gaýdýan ekenler. Bir günem gelinleriň biri şeýdip durka garry ene-de bagyň aňyrsynda kükerlip bir zada güýmenip oturan eken. Ene başyny galdyrýar, gelniňem gözi garra düşýär. Nädendir öýdýäňiz? Galmagal turar-da. Haýran galaýmaly – ene galmagal etmeýär-de, «Döküber gelin, özümjik yzyňy ýygnaşdyraryn» diýýä. Gelin bir ýere girmändir. Gaýdybam, gelinler garryň gabyna hapalaryny dökmäni goýupdyrlar.

Ertekä meňzeýär gerek? Hakykatdygyny anyk bilmesem, menem bu güürrüňi bir dilewaryň tapan owadan hekaýaty bolaýmagam mümkin diýip ikirjinlenerdim. Ýöne durmuş diýlen dilewaryňdan, ýazyjyňdan has güýçli, çeper. Onuň wakalary has çuň bolup çykýar. Onuň düzýän käbir wakalarynyň oýlanyp aňyrsyna çykyp bolanok.

Ene görgüli her gün kişiň hapasyny ýygnaýa-ýygnaýa bizar bolandyr, başga biriniň äsgermezçiligi degnasyna degendir, «Elime düşäýseň bolýar» diýip aňtap ýöräýjek ýaly. «Döküber gelin, özümjik yzyňy ýygnaşdyraryn» diýmek üçin nähili adamkärçilik gerek. Bu adamkärçilik garryň bilini büken durmuş tejribesi, käýine-käýine paltasy daşa degensoň gelen netijesimikä? Ýogsa o gelinlere hetdini tanatmak, gaýdyp şeýle işiň golaýyndan geçmez ýaly töwerege peçan etmek laýygy dälmi? Bihaýaçylyga garşy göreşilmese, çäresi görülmese onuň hasam bujrugy artmazmy? Biz şu düşünje bilen janymyzy ýaka-ýaka saçymyzy agardyp ýörüs dälmi? Arada bir içegen deň-duşymyzy ýatlaşdyk welin, oturanlaň biri

«Ogullaryndan janynyň ýangynjyna-da içýändir» diýdi. Lagnatkerde ogul atasyny arakkeş-ä däl, dälem eder. «Döküber gelin...» sözleriň aňyrsyndaky agyny, yzany duýmaga çalyşdygyňça iniň tikenekleýär. Gelinler gaýdyp hapalaryny dökmänmişler. Wah, görgülä şeý diýdireňsoň, gaýdybyň bolarmy? Gelin it ýylgyrşyny edäge-de «Wi-iý» diýip, ertesi ýene öňki bolşuna boluberen bolsa nähili bolardy. «Häzirki zaman gelinlerinden şo-da daş däldir» diýýäniňiz-ä bardyr. Hakykatdanam ene näderdi? «Bular özlerinden bilb-ä utanjak däller» diýip gazap atyna atlanaýardymyka? Ýok, megerem ol tä amanadyny tabşyrýança bihaýalaň yzyny arassalap geçerdi, ýöne ýüzlerine gelmezdi. Sebäbi, hapaň dökülýänini görenden bu işi kimleň etjegini ene aňandyr. Diňe bir aňmagam däl, bet işiň üstünde tutanda-da ýene gelinden garry köp utanan bolaýmasa... Çyn haýa hemişe bihaýadan haýa eder.

Adam ata, How ene Ýere kowlan gününden başlap Ýer togalagy ahyrzamana tarap togalanýar. Ahyrzaman diýilýänem ynsanyň pisliginiň, bihaýalygynyň, şeriniň, azgynçylygynyň... ýene-de pesligiň näçe görnüşi bar bolsa ählisiniň çürbaşa çykmagy dälmi näme? Mundan aňryk tigirlenere halys ýagdaý bolmansoň Ýer okundan sypmaly dälmi? Ahyrzamanam gutulgysyz. Onsoň bu gutulgysyzlykdan nädip halas bolmaly? Bilmedim, ol enäniň nä günleri başyndan geçirip, nädip beýle düşünjä ýetip bilenini, ýöne göwnüme o-da ýokardaky sowallary özüne beren bolaýmasa. Heý, öz hapasyny eltip goňşusynyň gapysyna, onda-da garryja görgüliň gapysyna döküän gelinler ile peçan edeniň, goh-galmagal turuzanyň bilen pälinden gaýdarmy? Onsoň o görgülä «Olar bilen deň bolmasam bolýar, hapadyr-da süpürseň, ýygnasaň arassalanar-da» diýäýmekden başga näme alaç galýar? Esasy zat ahyrzamanyň bir pursatjygam bolsa ir gelmesine şärik bolmazlyk dälmi? Pis näme? Ýaýnabersinmi? Ýa-da köp zady Allaň boýnuna dakýas, olaram dakaýmalymyka? Ýok, şeri ýaradan Alla haýram ýaradandyr. Haýyr bilen şer  hemişe köçede aralaryndan gyl geçmez dostlar kimin tirkeşip ýörler. Sen göreş-göreşme şere şärik bolma. Ine, esasy göreş.

--------------------------------------

## Zyňylan çäýnek

Daýym bardy, gargy tüýdük çalardy, çagalary sünnet ederdi. Hakykatda ejemiň erkek dogany bolmandyr. Tüýdükçi daýymam babamyň doganlarynyň biriniň ogly bolmaly. Ýöne biz o döwürler çaga süýtdeş daýymy, doganoglan daýymy tapawudyny bilemizok. Aslynda onuň tapawudam, belki, ýok bolsa ýokdur. Kakam üçinem tapawudy bolandyr öýdemok. Daýym bilen baglanyşykly gürrüň berjek wakam biz barkak bolup geçipmi ýa-da ondanam öňmi onam anyk bilemok. Daýym o wagtlar goňşy obada däl-de biziň obamyzda ýaşaýan eken.

Kakam kolhoz başlygy, daýymam elinde ýüpekçilik brigadiri eken. Bir gün kakam şäherden ýadaw, bitirip bilmedik işine lapykeç öýe gelýär. O wagtlar biziň öýmüz bilen kolhozyň kontorasynyň arasynda tapawut ýok diýen ýalydy. Adamlar kakamy kontordan tapmasa öýe, öýden tapmasalar kontora barardylar. Kakam ýaňy öňüne çaý alan eken, daýymam gelýär-de «Gurçuklara tut ýaprak tapyp bilmedik, şäherde barmadyk howlymyz galmady» diýýär. Kakamam gaharyny kimden çykarjagyny bilmän oturandyr-da «Indi ýapragyňyzam men tapyp bermelimi?» diýýär-de, öňündäki çaýly çäýnegi salýar daýyma tarap. Daýym sesini çykarman çykyp gidipdir. Şol günem goş-kötelini alyp goňşy oba göçüpdir. Kakam ony göçürmejek bolup kän ýalbarypdyr, «Bagyşla gaharyma etdim» diýipdir. Goňşy obada agalarynyň arasyna göçüp barandan soň hem yzyna getirjek bolup kän gatnapdyr, emma daýym etmändir. Öýkesi ýazylyp, kakamy bagyşlasa-da yzyna dolanyp gelmändir.

Häzir daýymam dünýede ýok, kakamam.

Daýym düşekde ýaraman ýatyrka ejem bilen ýanyna barypdyk. Şonda ejem, daýyma «Ýegenleriňe tüýdük çalyp ber, ýogsa bular meni goýanok» diýipdi. Hakykatdan hem jigim ikimiz daýymyň tüýdük çalanyny eşitmändik. Megerem, ejemizi gününe goýmanymyz çyndyr. Daýym bizi gowy görerdi. Hassa ýatanam bolsa göwnümizi ýykmady, ýanjagazynda oturdyp tüýdügini çykardy. Şol günki tüýdügi gargy gamyş tüýdük däldi, häzir gözöňüme getirýän welin, ol naý bolmaly. Aýdyşlaryna görä, daýym Baky Maşak dagy bilen tüýdük çalar eken. Soň anyk bilemok welin, awtomobil heläkçiliginde dişleri döwülýärmi, ýa-da öýkeni keselleýärmi, tüýdük çalmasyny goýýar. Şol gezek welin, daýym şeýle bir zarynladyp tüýdük çaldy, hiç gulagymdan gidenok. Belki, saz diýilýäniň nämediginem men şol gün duýandyryn.

Ynha, indi çäýnekli wakany ýatlap oturşyma kakamy günäkärläp bilemok. Kakamyň gaharjaňlygyna-da şonuň ýaly hem ýüreginiň dözümsizligine-de men belet. Eger şeýle bolmadyk bolsa, daýym ony bagyşlamazdam. Daýyma-da kesir diýesim gelenok. Megerem, ol çäýnegi kakam däl-de keseki zyňan bolsa, göwnüme «Şonuň bilen deň bolmaýyn» diýip yzyna, oba dolanyp gelse-de gelerdi. Gaty-gaýrym sözi ýakynyňdan eşitmek has agyr degendir. Onuň ýene birden gaýtalanmazlygyny isländir. Gatnaşygy ýiterinden howatyr edendir. Emma mesele başga ýerde. Kakamyň daýymyza gaýnag suwly çäýnegi zyňyp ýöreden kolhozam-a ýitip gitdi. Göwne degişenine bir degdimikä? Her kimem degen däldir diýer. Bilýän kakamam bu edenine köp ökünendir. Ýöne olary dirildip getirip bolýan bolsa, şol waka-da gaýtalansa, kakam ýene-de çäýnegine ýapyşaýjak ýaly bolup dur. Sebäbi? Sebäbi olar iş adamlarydy. Olar iş bitirmeli, halka çörek bermeli, zähmet gün paýlamaly, iliň gözüne müýnsiz bakmaly diýen düşünje bilen ýaşapdyrlar. Kakam hiç wagt: «Daýy jan, gel, geç çaý içeli, gurçugam gyrylasy ýok. Gyrylaýsa-da gurçuk gyrylsyn, seň göwnüň gyrylmasyn» diýmez. Bolmalysy

hem şeýle. Bolmalysy şeýle bolsa, onda näme üçin olary seýrek duşýan zat ýaly geň galyp, unudyp bilmän ýatlaýarkam?

-------------------------------------------------------